TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BEDENTERBIÝE WE SPORT JEMGYÝETIŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINI ÜPJÜN EDÝÄR, ADAM HÄSIÝETINI KEMALA GETIRMEKDE MÖHÜM ORNY EÝELEÝÄR. ADAMDA ÖZÜNE YNAMY, GÜÝÇ-KUWWATY, RUHUBELENTLIGI TERBIÝELEÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
24-nji noýabr, 2023. Belgisi 47/1561



# IKITARAPLAÝYN SÖWDA-YKDYSADY GATNAŞYKLAR GIŇELDILÝÄR

*22-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Malaýziýanyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Mohd Suhaimi bin Ahmad Tajuddini kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.*

Diplomat hormatly Prezidentimize Malaýziýanyň Ýokary Baştutany Abdulla Riaýatuddin Al-Mustafa Billanyň we Premýer-ministri Anwar bin Ibrahimiň mähirli salamyny ýetirdi hem-de öz ýurdunda özygtyýarly ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan Türkmenistan bilen dostlukly gatnaşyklaryň, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Malaýziýanyň ýokary ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi we Mohd Suhaimi bin Ahmad Tajuddini möhüm diplomatik wezipä bellenilmegi bilen gutlap, ýurtlarymyzyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilen jogapkärli wezipesinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Bellenilişi ýaly, Malaýziýa Aziýa–Ýuwaş umman sebitinde Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşlarynyň biridir. Özara hormat goýmak, dostluk, düşünişmek ýörelgeleri esasynda ýola goýlan döwletara hyzmatdaşlyk häzirki wagtda täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň üstünlikli ösdürilýändigini we syýasy taýdan özara ynanyşmagyň yzygiderli berkidilýändigini kanagatlanma bilen belläp, Birleşen Milletler Guramasynyň, Goşulyşmazlyk Hereketiniň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýleki halkara düzümleriň çäklerinde iki ýurduň birek-birege goldaw bermek, ýakyndan hyzmatdaşlyk etmek tejribesine ýokary baha berdi.

Türkmen-malaý gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy we geljegi baradaky pikir alyşmalaryň dowamynda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek üçin giň mümkinçilikleriň bardygy nygtaldy. Şunda özara söwda-ykdysady gatnaşyklaryň işjeňleşdirilýändigini bellemek gerek. Nebitgaz pudagynda üstünlikli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Malaýziýanyň PETRONAS nebitgaz kompaniýasynyň Türkmenistanda ençeme ýyllaryň dowamynda üstünlikli iş alyp barýandygy we ýurdumyzyň nebitgaz senagatyny ösdürmäge saldamly goşant goşýandygy özara bähbitli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň aýdyň mysaly hökmünde görkezildi. Kompaniýa köp ýyllardan bäri uglewodorod çig malyny gazyp almak boýunça taslamalary durmuşa geçirýär, şeýle hem nebitgaz pudagy üçin ýokary derejeli türkmen hünärmenlerini taýýarlamak babatda hyzmatdaşlyk edýär.

Umumy pikire görä, medeni-ynsanperwer ugurdaky, hususan-da, ylym-bilim we medeniýet ulgamlaryndaky hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň möhüm bölegi bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň netijeli hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga we ösdürmäge ygrarlydygyny nygtap, türkmen-malaý dialogynyň mundan beýläk-de iki ýurduň halklarynyň bähbidine okgunly ösdüriljekdigine ynam bildirdi.

Malaýziýanyň Türkmenistandaky doly ygtyýarly wekili Mohd Suhaimi bin Ahmad Tajuddin hoşniýetli arzuwlar we türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallygyny beýan edip, özara bähbitlere doly laýyk gelýän netijeli döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmak ugrunda ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

## Oba hojalygyndaky düýpli özgertmeler



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bereketli topragyň jomartlygynyň, babadaýhanlaryň edermenliginiň netijesinde ekin meýdanlarynda bol hasyl ösdürilip ýetişdirilýär. Daşary ýurtlardan satyn alynýan döwrebap, ähli amatlyklary özünde jemleýän oba hojalyk tehnikalary edermen daýhanlaryň hakyky daýanjyna öwrülýär. Ene ýerimizde bitýän ekinleriň bolçulygy bolsa her bir maşgalanyň saçagynyň berekedini artdyrýar. Daýhanlar ýokary hilli tohum, dökün we beýleki serişdeler bilen doly üpjün edilýär. Olaryň zähmetine mynasyp baha berilýär.** 3

## Paýtagtymyzda täze binalar peýda bolar



Ýakynda geçirilen sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisinde paýtagtymyzy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, Aşgabat şäheriniň «Gurtly» ýaşaýyş toplumynda 30 sany 4 gatly, her biri 40 öýli we 16 sany 4 gatly, her biri 68 öýli ýaşaýyş jaýyny, 720 orunlyk orta mekdebi, 320 orunlyk çagalar bagyny, seýilgähi hem-de ýaşaýyş toplumynyň içerki awtomobil ýollaryny we daşarky eltiji, içerki agyz suw we lagym geçiriji ulgamlary gurmak barada hormatly Prezidentimiz degişli Karara gol çekdi. 3

## Türkmenistan–ÝUNESKO: sport ulgamynda hyzmatdaşlyk

***«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» şygary bilen geçýän şu ýyl uly üstünliklere beslenýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan döwletimiz 2023–2027-nji ýyllar üçin BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Bedenterbiýe we sport boýunça hökümetara komitetiniň agzalygyna biragyzdan saýlandy. Bu düzüm bilen ýakyn hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. ÝUNESKO-nyň XXI asyryň möhüm meselelerini çözmek ugrunda medeni diplomatiýa arkaly durmuşa geçirýän çäreleri ýurdumyzyň ählumumy derejede parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmeginiň bähbidine öňe sürýän başlangyçlary bilen doly utgaşýar.***



Bedenterbiýäni we sporty döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlän Türkmenistan bu ugurda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagy babatda yzygiderli çäreleri durmuşa geçirýär. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän strategiýanyň netijesinde türkmen sporty ösüşiň täze derejesine çykdy.

Häzirki wagta çenli Türkmenistan daşary ýurtlar bilen sport ulgamynda hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça dürli hökümetara we pudagara derejedäki ylalaşyklaryň onlarçasyna gol çekişdi. Ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy, ÝUNESKO, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, Halkara Olimpiýa Komiteti, Aziýanyň Olimpiýa Geňeşi we beýleki abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. 2

## Aşgabatda Kuraş boýunça Dünýä çempionaty geçirilýär

***Ata Watanymyz Türkmenistanda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sportuň Kuraş görnüşi boýunça 14-nji Dünýä çempionaty geçirilýär. Kuraş Merkezi Aziýada döräp we türki halklaryň däp bolan guşakly göreş sporty bolup durýar. Başa-baş söweşiň üç müň ýyllyk taryhynyň bolmagy ony bu sebitde iň meşhur sport görnüşleriniň birine öwrüpdir. Soňky ýyllarda kuraş bütin dünýäde ösdürilýär. 1998-nji ýylyň 6-njy sentýabrynda döredilen Halkara kuraş assosiasiýasy häzirki wagtda Aziýadan 32, Afrikadan 22, Ýewropadan 33, Demirgazyk we Günorta Amerikadan 22, Okeaniýadan 9 – jemi 118 sany milli sport federasiýasyny özünde birleşdirýär.***

Kuraş boýunça Dünýä çempionatlary 1999–2002-nji ýyllar aralygynda her ýyl, 2005-nji ýyldan bäri bolsa her iki ýyldan bir gezek geçirilýär. 14-nji gezek geçirilýän şu gezekki Dünýä çempionatyna gatnaşyjylaryň sanynyň iň ýokary görkezijide boljakdygy habar berilýär. Türkmenistanyň Kuraş federasiýasynyň berýän soňky maglumatlaryna laýyklykda, 490-dan gowrak wekil, şol sanda 53 döwletden türgenleriň 243-si, tälimçiler, eminler we beýleki resmi adamlar Aşgabatda geçiriljek çempionata gatnaşjakdyklaryny mälim edip ýüz tutdular. Munuň özi ozal dürli ýurtlarda geçirilen Kuraş boýunça Dünýä çempionatlarynyň görkezijilerinden has ýokarydyr.

### TÜRKMEN PÄLWANLARYNYŇ 15-SI ÇYKYŞ EDER

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň berýän maglumatlaryna görä, şu gezekki Dünýä çempionatynda ýaryşlar agram derejeleriniň 15-si boýunça geçiriler. 2

## Bilimli ýaşlar – ýurdumyzyň geljegi



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly diýlip yglan edilen ýylymyzda hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan il-ýurt bähbitli özgertmeleri milli ykdysadyýetimiziň beýleki ugurlary bilen bir hatarda, bilim pudagyny hem halkara ölçeglerine laýyk getirmäge ähli esaslary döredýär. Ýurduň we milletiň geljegi bolan ýaş nesil hakyndaky alada döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlendi.** 3

## Dünýäniň iň gowy şäherleri

«Resonance Consultancy» maslahat beriş kompaniýasy 2024-nji ýylyň iň gowy 100 şäheriniň sanawyny taýýarlady. Bu şäherler ilaty bir milliondan köp 270-den gowrak şäheriň arasyndan saýlandy. 4

## 3 muzeý, 3 şäher

Dünýäde taryhy tapyndylary, surat eserlerini özünde saklaýan, geçmiş bilen tanyşmaga mümkinçilik berýän 104 müň muzeý bar. Muzeýler syýahatçylaryň iň köp barýan ýerleriniň biridir. Islendik halkyň taryhy, medeniýeti we däp-dessurlary bilen tanyşjak bolsaň, şol ýurtdaky muzeýlere gezelenç etmeli. 5

## EURO 2024-iň saýlama tapgyry tamamlandy

Ýewropa çempionatynyň saýlama duşuşyklarynyň toparçalaýyn tapgyry tamamlandy. Çempionatda çykyş etjek 24 ýygyndynyň 21-si belli bolup, galan 3-si geljek ýylyň mart aýynda geçiriljek pleý-off tapgyryndan soň kesgitlener. 7

## Braziliýanyň ýygyndysynda ilkinji şowsuzlyklar

Ýene-de 3 ýyldan Demirgazyk Amerikada geçiriljek FIFA Dünýä Kubogynyň Günorta Amerika saýlama zolagynda 5-6-njy duşuşyklar geçirildi. Dünýäniň 5 gezek çempiony Braziliýanyň ýygyndysy şol 2 duşuşykda-da ýeňlişe sezewar boldy. 8

# Türkmenistan–ÝUNESKO: sport ulgamynda hyzmatdaşlyk

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şeýle hyzmatdaşlygyň çäklerinde Türkmenistan Olimpiýa nyşanlaryny gorap saklamak baradaky Naýrobi ylalaşygyna goşuldy, ÝUNESKO-nyň sportda doping serişdelerini ulanmaga garşy göreşi boýunça Halkara Konwensiýasyny tassyklady, Milli antidoping agentligini döretdi.



Uly sport baýramçylygynyň – Kuraş boýunça Dünýä çempionatynyň öňüsyrasynda BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) ştab-kwartirasyndan gelip gowşan hoş habar Bitarap Watanymyzyň sport diplomatiýasynyň rowaçlyga beslenýändiginiň nobatdaky subutnamasy boldy.

Türkmenistanyň 2017-nji ýylda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryny öňüsyrasynda hem şeýle hormata mynasyp görlüp, 2017–2021-nji ýyllar üçin ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça hökümetara komitetiniň düzümine saýlanandygyny ýatlamak ýakymlydyr. Degişli döwürde ýurdumyzda Aşgabat Aziadasy, Agyr atletika boýunça Dünýä çempionaty, «Amul–Hazar 2018» halkara awtorallisi geçirildi.

Häzirki wagtda Aşgabatda Kuraş boýunça Dünýä çempionaty geçirilýär, ýakyn ýyllarda Sambo boýunça Dünýä çempionaty kabul ediler. Türgenlerimiz bolsa 2024-nji ýylda Parižde geçiriljek XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna hem-de XVIII tomusky Paralimpiýa oýunlaryna gatnaşar.

Türkmenistanyň 2023–2027-nji ýyllar üçin ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça hökümetara komitetiniň agzalygyna saýlanmagy ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyk ýörelgeleri esasynda alyp barýan daşary syýasatynyň Ýer ýüzünde giňden goldaw tapýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

**Aýlar NURÇYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# AŞGABATDA KURAŞ BOÝUNÇA DÜNÝÄ ÇEMPIONATY GEÇIRILÝÄR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Erkekler 60, 66, 73, 81, 90, 100 we 100 kilogramdan ýokary agram derejelerinde, zenanlar bolsa 48, 52, 57, 63, 70, 78, 87 we 87 kilogramdan ýokary agram derejelerinde bäsleşerler. Pälwanlar medal toplumlarynyň 15-si ugrunda göreşer. Her agram derejesinde 1 altyn, 1 kümüş we 2 bürünç medal gowşurylar. Şeýlelikde, baýrakly orunlaryň jemi 60-sy bolar.



55-e golaý döwlete wekilçilik etjek 250 çemesi türgeniň arasynda guralýan ýaryşa ýurdumyzyň sport abraýyny goramak üçin erjel pälwanlaryň 15-si saýlanyp alyndy. Olar daşary ýurtlarda we Arkadag şäheriniň döwrebap sport desgalarynda birnäçe okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryny geçdiler. Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi Dörtguly Tejenowyň halypalygynda türgenleşen erkekler milli ýygyndymyzyň düzümine pälwanlaryň 7-si girer: Wepa Awliýakulyýew (60 kg), Döwlet Hamrakulyýew (66 kg), Şatlyk Jumanyýazow (73 kg), Daýanç Omirow (81 kg), Sanjar Abdyrahmanow (90 kg), Ruslan Esgerow (100 kg) hem-de Sapa Sapaýew (+100 kg). Zenanlar ýygyndy toparymyzda türgenleriň 8-si: Aýşirin Haýdarowa (48 kg), Aýnur Amanowa (52 kg), Gülşat Annaýewa (57 kg), Dinara Rozykulowa (63 kg), Mariýa Lohowa (70 kg), Sabina Kadyrowa (78 kg), Jahan Muhammedowa (87 kg) hem-de Sabina Agajanowa (+87 kg) halkara derejeli sport ussady Şirin Kubaýewanyň tälimçiliginde ýaryşa taýýarlandylar.

### MEÝLETINÇILER – ÝARYŞLARYŇ ESASY KÖMEKÇILERI

24 ýyllyk ýoluň 14-nji duralgasy bolan Türkmenistan döwletimizde geçirilýän bu dünýä derejesindäki ýaryşa diňe bir türgenler, tälimçiler gatnaşman, eýsem, ýurdumyzdan saýlanan meýletinçiler hem gatnaşýar.

Kuraş boýunça XIV Dünýä çempionaty bilen bagly ýazgylardyr şygarlar ak şäherimiz Aşgabada aýratyn ýaraşyk berýär. Sport baýramçylygyna taýýarlyk diňe bir şäheri däl, eýsem, şäheriň ýaşaýjylarynyň we onuň myhmanlarynyň ýüreklerini hem bezeýär. Ildeşlerimizde Olimpiýa şäherjiginiň Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda geçiriljek ýaryşa bolan gyzyklanma örän uly.

23–28-nji noýabr aralygynda geçiriljek Dünýä çempionatynyň tutluşyklary göni ýaýlymda üç dilde – türkmen, rus we iňlis dillerinde teswirlemek göz öňünde tutuldy. Munuň üçin ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinden saýlanyp alnan talyplara Olimpiýa şäherjigindäki Halkara ýaýlyma beriş merkezinde okuwlar geçildi. Olar okuwlaryň çäklerinde sport ýaryşlaryny teswirlemek boýunça köp zatlary öwrendiler.

Meýletinçiler işi halkara ýaryşlaryň guramaçylykly geçirilmeginiň esasy ugurlarynyň biridir. Kuraş boýunça Dünýä çempionatynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryndan meýletinçileriň 310-sy saýlanyp alyndy. Olar taýýarlyk ugurlarynyň 14-si boýunça myhmanlara ýardam eder.

Şol meýletinçileriň içinde biziň hem baýry ýokary okuw mekdebimiz bolan Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň 80 talybynyň bolmagy buýsandyryjy ýagdaýdyr. Çünki bu ýaşlara dünýä dillerini öwrenmek bilen bir hatarda sport bilen meşgullanmaga açylyp berilýän mümkinçilikleriň aýdyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzda geçirilýän Dünýä çempionatynyň şu gezekki ýaryşynda türkmen türgenlerine üstünlikli çykyş edip, baýrakly orunlary eýeläp, ata Watanymyzyň abraýyny has-da belende götermegi arzuw edýäris!

**Imran GASYMOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# Önümçiligi üç esse artdyrylyp bilner

Energiýa pudagyna degişli maslahat beriş kompaniýasy bolan «Ember» dünýäniň ýurdunyň arassa energiýa boýunça maksatnamasyna ýetip barýandygyny, munuň 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energiýa önümçiligini iki däl-de, üç esse artdyrmaga mümkinçilik berýändigini mälim etdi. Dünýä döwletleriniň Gün we ýel energiýasyny öndürýän desgalarynyň gurluşygyna goldaw bermegi bilen bu maksada ýetilip bilinjekdigi bellenildi. «Ember»-iň taýýarlan maglumatyna görä, gaýtadan dikeldilýän energiýanyň önümçiliginiň 2030-njy ýyla çenli üç esse artdyrylan ýagdaýynda dünýäde 11 terewat elektrik energiýasy öndüriler. Bu görkezijä ýetmek üçin 3,7 terawat galypdyr. Maglumata görä, Braziliýa, Niderlandlar, Birleşen Arap Emirlikleri, Awstraliýa, Koreýa Respublikasy, Ýaponiýa, Hytaý we Ispaniýa ýaly 12 ýurt 2030-njy ýyldaky maksadyna ýetmek üçin gerekli bolandan has köp energiýa desgasyny gurýar. Hindistan, Indoneziýa, Saud Arabystany we Wengriýa ýaly 10



ýurt gaýtadan dikeldilýän energiýa önümçiligini 2030-njy ýyla çenli üç esse artdyrmagy maksat edinýär.

ABŞ bilen bir hatarda 12 ýurt 2030-njy ýyla çenli alýan Gün we ýel energiýasyny 40 göterimden geçirmegi meýilleşdirýär.

**Muhammetaman SARYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.*

# Zyýanly gazlary azaldar

Klimat bilimi we syýasaty ugrunda iş alyp barýan «Climate Analytics» institutynyň taýýarlan seljermesine görä, arassa tehnologiýalaryň çalt ösmegi netijesinde ýyladyşhana gazlarynyň howa göýberilişiniň



geljek ýyldan başlap azalyp biljekdigi mälim edildi. Gün we ýel energiýasy bilen bir hatarda arassa energiýa çeşmeleriniň çalt depginde ösmegi gazylyp alynýan energiýa çeşmeleriniň ornuny tutup, energiýa bolan islegiň artmagynyň öňüni alyp biler. Bu ugurda Hytaýda durmuşa geçirilýän taslamalaryň täsiri uly bolar. Bu ýurtda Gün we ýel energiýa önümçiliginiň 2025-nji ýyla çenli 1500 gigawata ýetjekdigi hasaplanýar. Eger bu çaklama dogry çykan ýagdaýynda, Hytaý 2030-njy ýyl üçin kesgitlenen 1200 gigawat Gün we ýel energiýa önümçiligi baradaky sepgide 5 ýyl ir ýeter.

Maglumatda global ýylylyk artyşynyň çäklendirilmegi üçin howa goýberilişiniň ýyladyşhana gazlarynyň 2025-nji ýyldan öň peselip başlamagyna zerurlyk duýulýar. Elektrik energiýasynyň önümçiligindäki we sarp edilişindäki tehnologik ösüş bu maksada ýetmäge ýardam eder.

**Wahit ÇOPANOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

# Energiýa hyzmatdaşlygyny artdyrar

Berlinde Nigeriýa-Germaniýa işewürlik maslahaty geçirildi. 10-njy gezek geçirilýän forumda esasy mesele energiýa boldy. Iki ýurduň arasynda umumy bahasy 500 million dollar bolan energiýa we tebigy gaza degişli iki şertnama gol çekildi. Ylalaşyga görä, Nigeriýa her ýylda Germaniýa 850 müň tonna energiýa ugradar. Bu görkezijiniň artdyrylyp, ýakyn geljekde 1,2 million tonna ýetirilmegi maksat edinilýär.




Nigeriýanyň «Riverside LNG» bilen Germaniýanyň «Johannes Schuetze Energy Import AG» kompaniýalarynyň arasynda tebigy gaz, «Union Bank of Nigeria» banky bilen «DWS Group» toparynyň arasynda bolsa, gaýtadan dikeldilýän energiýa boýunça şertnamalara gol çekildi. «Riverside LNG» kompaniýasynyň wekili Dawid Ige bu ylalaşygyň Nigeriýadan Germaniýa energiýa serişdeleriniň ugradylmagyny hem-de Nigeriýada her günde 50 million kub fit (1 415 840 kubmetr töweregi) gazyň gaýtadan işlenilmegini öz içine aljakdygyny belledi.

**Gülnahal HYDYROWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.*

# Hindistanda zawod gurar

Elektroulag öndürmekde dünýäniň öňdebaryjy kompaniýasy bolan «Tesla» Hindistanda zawod gurmak kararyna geldi. Amerikan brendiniň häzirki wagtda ABŞ-dan başga-da Germaniýada we Hytaýda zawodlary bar. Ilkinji nobatda bu zawod üçin 2 milliard dollar maýa goýum özleşdiriler. Geljek ýyldan başlap Hindistanda daşyndan eltilen «Tesla» ulaglary satylar. Soňra bolsa bu ýurtda öndürilen elektroulaglar hödürlener. Zawod gurmak üçin Gujarat, Maharaştra we Tamil Nadu şäherleriniň den biri saýlanyp alnar.




Elektroulag batareýalarynyň hem Hindistanda öndürilip bilinjekdigi bellenilýär. Mundan ozal önümçiligini Hytaýda we Taýwanda amala aşyrýan «Apple» kompaniýasy hem Hindistanda önümçilik desgasyny gurupdy.

**Aýnabat ALLABERDIÝEWA,**
*Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebiniň mugallymy.*

# Üç ölçegli çap usulynda öndürilen aragatnaşyk enjamy

Soňky ýyllarda emeli hemralaryň örän kiçi görnüşleri hem Ýeriň orbitasyna ugradylyp, aragatnaşyk maksady bilen ulanylýar. Ispaniýadaky Kataloniýanyň açyk uniwersitetiniň (Universitat Oberta de Catalunya) hünärmenleri bolsa, 3D çap usulynda peýdalanyp, belli bir belentlige uçurylýan aragatnaşyk hemrasyny döretdiler. Bu enjam gyssagly ýagdaýda aragatnaşygyň ýola goýulmagyna ýardam eder. Kiçi göwrümli enjam gyzgyn howaly ballon arkaly ýokary çykarylýar. Esasy üç bölekden ybarat bolan enjamyň ikisi Ýerde galýar. Uçurylan enjam «Long Range» radio tehnologiýasyndan peýdalanyp aragatnaşygy ýola goýýar. Bu enjam bilen gyssagly ýagdaý ýüze çykan ýerlerde wagtlaýyn aragatnaşyk ýola goýup boljakdygy mälim edildi.



**Baýram AŞIROW,**
*«Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň Politehniki orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# Iň insiz myhmanhana

Müňlerçe adadan emele gelen Indoneziýa baý tebigaty bilen syýahatçylyk babatda dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň biri hasaplanýar. Ýurduň Merkezi Ýawa welaýatynyň Salatiga şäheri täsin myhmanhana köpleriň ünsüni özüne çekýär. Ini 2,8 metre barabar bolan «PituRooms» atly myhmanhana binagär Ari Indranyň tagallasy bilen gurlupdyr. Bäş gatly binada jemi ýedi otag bar. Her bir otagda iki orunlyk ýatalga, hammam we hajathana bar. Otaglaryň içi sungat ussatlary we binagärler tarapyndan bezelipdir. Täsin myhmanhana şäheriň halkara derejede meşhurlygyny



artdyrmak maksady bilen gurlupdyr. Ýurduň häzirki paýtagty Jakartanyň 480 kilometr günorta-gündogaryndaky Salatiga şäheri dynç almak üçin Jogýakarta, Surabaýa şäherlerine ýa-da golaýyndaky Bali adasyna barýan syýahatçylaryň arasynda o diýen meşhur däl. Şol sebäpli syýahatçylary bu ýere çekmek üçin «iň insiz myhmanhana» gurmak kararyna gelnipdir.

**Leýli GURBANOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Smartfon bazary iki ýyldan soň ösüş gazandy

Global telefon bazary şu ýylyň oktýabr aýynda iki ýyldan soňra ilkinji gezek ösüş gazandy. «Counterpoint Research» kompaniýasynyň taýýarlan maglumatynda, bu ösüşiň geljek aýlarda hem dowam etjekdigi bellenildi. Global telefon satuwynyň artmagynda ösüp barýan ýurtlardaky islegiň täsiri uly bolupdyr. Bilermenler global smartfon bazarynda iki ýyldan gowrak wagt bäri pese gaçyşlygyň



dowam edýändigini bellediler. Oktýabr aýynda telefon satuwy 5 göterim artyp, 2021-nji ýylyň iýunyndan bäri ösüş gazanylan ilkinji aýdygy bellenildi. Telefon satuwynyň artmagyna Ýakyn Gündogar we Afrika ýurtlarynda islegiň artmagy, «Huawei» smartfonlarynyň Hytaýdaky satuwynyň artmagy we Hindistanda festiwal döwrüniň başlamagy täsir edipdir. Şu ýylyň üçünji çärýeginde «Huawei»-iň Hytaýdaky satuwy 37 göterim artypdyr. Telefon satuwy ösen ýurtlarda doýgunlyga ýetendigi sebäpli o diýen köp ösmändir.

**Myratgeldi GULBERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# Aýa uçmaga taýýarlyk görülýär

ABŞ-nyň kosmos pudagynda iş alyp barýan «SpaceX» kompaniýasy Aýa uçurmak maksady bilen işlenip taýýarlanýan «Starship» raketasynyň ikinji synag uçuşy şowsuz tamamlandy. Äpet raketa uçanyndan 2,5 minutdan soňra onuň bilen aragatnaşyk kesildi. Uçuş 90 minut dowam etmelidi. Bökdençligiň ikinji uçuş tapgyrynda emele gelendigi mälim edildi. Kompaniýanyň inženeri Jon Inspruker: «Bu synanyşyklardan netije çykarmak we kemçiliklerimizi düzetmek üçin işleýäris. Bu synanyşykda raketanyň 33 motory hem bökdençsiz işledi. Uçuşyň ikinji tapgyryndaky näsazlygyň awtomatik uçuşy duruzýan ulgamyň bes edilmeginde gijä galmak bilen baglydygyna ynanýarys» diýip belledi. Mundan ozal aprel aýynda amala aşyrylan uçuşda raketa 4 minutdan soňra ýarylypdy.



Kompaniýa Aýa adamly uçuşlary ýola goýmak üçin raketa işläp taýýarlaýar.

**Guwanç ANNAMÄMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Hytaýda bank amallaryny ýerine ýetirer

**Halkara töleg ulgamy bolan «Mastercard» Hytaýda bank amallaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilik aldy. Hytaýyň Halk (Merkezi) banky hem-de Milli maliýe işlerini düzgünleşdiriji edarasy amerikan kompaniýasyna we onuň hytaýly hyzmatdaşy «NetsUnion»-a ýuan hasabynda bank we karz petegi amallaryny amala aşyrmaga ygtyýar berdi. Şeýlelikde, Hytaýyň milli töleg ulgamlary daşary ýurtly kompaniýalar bilen bäsleşmeli bolarlar. Mundan ozal «American Express»-e hem bank karty amallaryny ýerine ýetirmäge ygtyýar berlipdi. Ýurtda bank kart amallaryny ýerine ýetirmekde döwlete degişli «UnionPay» kompaniýasy öňdeligi eýeleýär. Şeýle hem «AliPay» we «WeChat Pay» töleg ulgamy giňden ulanylýar.**



**Wepa MEREDOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# Mars Günüň aňyrsynda «bukuldy»

**Mars 11-nji noýabrda Günüň aňry tarapyna geçip, «ýitdi». Şeýlelikde, orbitadaky aýlawynyň dowamynda Ýerden iň uzaga gitdi. Iki ýyl töweregi wagtdan bäri gaýtalanýan bu kosmiki hadysa «Mars bilen Günüň duşuşygy» diýilýär. Bu hadysanyň dowam edýän wagty Gyzyl planeta bilen bagly gözleg işleri togtadylýar, ol ýerdäki enjamlar bilen aragatnaşyk kesilýär. NASA Günden çykýan gyzgynlygyň we gazyň Ýerden iberilýän radio signallaryny bozýandygyny aýdyp, 25-nji noýabrdan başlap Marsdaky enjamlar bilen aragatnaşygyň ýola goýuljakdygyny habar berdi.**



**Abdurahman ŞAMURADOW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 24-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112869
Belgisi: 47/1561
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Oba hojalygyndaky düýpli özgertmeler

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Oba hojalyk tehnikalaryny satyn almak, oba hojalyk önümlerini öndürmek boýunça çykdajylary maliýeleşdirmek üçin daýhan birleşiklerine we hojalyklaryna ýeňillikli karzlaryň berilmegi, ýygnalan hasyl üçin hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmegi toprak bilen bagry badaşan ildeşlerimiziň höwesini has-da artdyrýar.

Ylmyň we tehnikanyň öňdebaryjy gazananlaryny, iň gowy dünýä tejribelerini ornaşdyrmak arkaly obasenagat toplumyny ösdürmekde we azyk bolçulygyny üpjün etmekde netijeli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, sebitlerimizde täze obadyr şäherçeler, döwrebap maldarçylyk toplumlary we elewatorlar, ýyladyşhana hojalyklary, azyk önümlerini öndürýän kärhanalar, iri sowadyjy ammarlar yzygiderli gurlup, ulanylmaga berilýär.

Obasenagat toplumyny ösdürmekde hususyýetçi daýhanlaryň paýyna hem möhüm wezipeler düşýär. Däneçiligi, gök ekerançylygy, miweçiligi, maldarçylygy, guşçulygy ösdürmekde hususyýetçiligiň orny yzygiderli pugtalandyrylýar.

Ýurdumyzyň oba hojalygynda amala aşyrylýan özgertmeleri üstünlikli dowam etdirmek, toplumyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek hem-de welaýatlaryň we etraplaryň toprak-howa şertlerini göz öňünde tutup, oba hojalyk ekinleriniň görnüşleri boýunça ýerleşdirmek, ekin dolanyşygyny ylmy esasda alyp barmak, ýerleriň peýdalanyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak – bularyň ählisi oba hojalygyny düýpli ösdürmek barada kabul edilen çözgütleriň ýerine ýetirilmegini, ýerden, suwdan, oba hojalyk tehnikasyndan, ýerli-mineral dökünlerden netijeli peýdalanmagy, agrotehniki çäreleri ýokary hilli berjaý etmegi üpjün edýär.

Obasenagat toplumy üçin bilimli, kämil hünärmenleri taýýarlamakda



netijeli işler alnyp barylýar. Bu ugurda hünärmenleriň bilim derejesiniň kämil bolmagyna, olaryň ylmy iş alyp barmagyna, ýerleriň meliorativ ýagdaýyndan baş çykarmagyna hem-de ekerançylykda ekin dolanyşygyny amala aşyrmagyň ýollaryny bilmeklerine üns berilýär. Bu ugurdaky öňdebaryjy bilim edaralary hökmünde S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetini hem-de Türkmen oba hojalyk institutyny görkezmek bolýar.

Golaýda hormatly Prezidentimiz Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, bu ýerde Oba hojalyk uniwersitetiniň we ylmy-barlag institutlarynyň täze binalar toplumynyň taýýarlanylan taslamalary bilen tanyşdy. Häzirki döwürde milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň işini sazlaşykly alyp barmak, önümçilige täzeçil tehnologiýalary we sanly ulgamy ornaşdyrmak meselelerine uly üns berilýär. Gurulmagy meýilleşdirilýän ylmy-barlag önümçilik institutlarynda ekerançylykdan bol hasyl almagyň, maldarçylygyň ähli görkezijiler boýunça ösdürilmeginiň, iň esasy bolsa, gökbakja, maldarçylyk önümleriniň bolçulygynyň üpjün edilmeginiň ähli ugurlary mundan beýläk-de ylmy esasda öwrenilmelidir we ösdürilmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz bellemek bilen, ýakyn geljekde Arkadag şäherinde kämil derejeli hünärmenleriň taýýarlanylýan ýokary okuw mekdepli, ylmy-barlag institutlary bolan döwrebap oba hojalyk şäherçesiniň dörejekdigini belledi.

Umuman, oba hojalygynyň ösüşiň täze derejelerine çykmagy üçin edilýän şeýle işler daýhanlaryň işiniň ilerlemegine, olara bol hasyl ýetişdirmäge, köp girdeji gazanmaga uly itergi berýär. Sahawatly topraga bagry badaşan daýhanlar ýokary netije gazanyp, Watanymyzyň ösüşlerine saldamly goşant goşýarlar.

**Ahmetnur NURMUHAMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Agronomçylyk fakultetiniň Ekerançylyk kafedrasynyň mugallymy.*

# Paýtagtymyzda täze binalar peýda bolar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Aşgabat şäheriniň binagärlik-şähergurluşyk keşbi has-da gözelleşýär. Bagtyýar raýatlarymyz üçin döwrebap desgalar, binalar yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär.

Hormatly Prezidentimiz geçen hepdede dikuçarda paýtagtymyzda we onuň töwereklerinde ýaýbaňlandyrylan işleriň barşy bilen hem tanyşdy. Döwlet Baştutanymyz uçuşyň dowamynda paýtagtymyzda täze gurluşyklarynda hem-de Arkadag şäheriniň çäklerinde ýaýbaňlandyrylan işleriň, Aşgabady durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen özgertmeleriň barşyny synlady. Şunda adamlaryň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek, şol sanda amatly ýaşaýyş jaýlaryny gurmak bilen bagly meselelere aýratyn ähmiýet berilýär. Paýtagtymyzda dürli maksatly binalaryň gurluşyklary bilen bir hatarda, şäheriň ýol-ulag düzüminiň döwrebaplaşdyrylmagyna, gurluşygyna, abadanlaşdyrylmagyna hem uly üns berilýär. Munuň özi «Döwlet adam üçindir» diýen şygary baş ýörelge edinýän syýasatyň uly rowaçlyklara beslenýändiginiň nobatdaky beýanydyr.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda gurulýan binalary we desgalary bellenen möhletinde ulanmaga bermek boýunça zerur işleri geçirmegiň möhümdigini, ýaşaýyş jaýlarynyň, şäherçeleriň, durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyny depginli alyp barmagyň wajypdygyny hemişe nygtaýar. Ak mermerli paýtagtymyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän özgertmeler maksatnamalaryň aýdyň beýany bolup durýan iri möçberli gurluşyklar ýaşaýyş üçin ähli amatlyklary özünde jemleýän depginli ösýän şäher hökmünde onuň derejesini pugtalandyrýar.

Aşgabadyň «Gurtly» ýaşaýyş toplu-



mynyň çäginde otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan has oňaýly ýaşaýyş jaýlary gurulýar. Bu toplumda ugurdaş durmuş desgalarynyň bina edilmegine aýratyn üns berilýär. Ýatlap geçsek, geçen ýyl hem hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda paýtagtymyzyň «Gurtly» ýaşaýyş toplumynda täze gurlan ýaşaýyş jaýlarynyň hem-de söwda, medeni-durmuş maksatly binalar toplumynyň açylyşy bolupdy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň oktýabryndaky degişli Buýrugyna laýyklykda, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň buýurmagynda 91,06 gektar ýer böleginde bina edilen desgalaryň gurluşyk işleri ýerli hususy kärhanalaryň hem-de hojalyk jemgyýetleriniň 40-syndan alyp barandygyny bellemek gerek. Toplumyň çägindäki täze binalaryň hatarynda 4 gatly ýaşaýyş jaýlarynyň 62-si, 320 orunlyk umumybilim berýän orta mekdep, 160 orunlyk çagalar bagy, söwda we medeni-dynç alyş merkezi, 2 gatly söwda dükanlarynyň 10-sy, şeýle-de bazar bar. Täze ýaşaýyş jaýlary jemi 3 müň 70-e golaý hojalyga niýetlenip gurulýar.

Şeýlelikde, Aşgabat şäheriniň degişli inženerçilik-tehniki we ýol-ulag düzümi bolan ýene-de bir täze ýaşaýyş jaý toplumy emele geler. Paýtagtymyzyň «Gurtly» ýaşaýyş toplumynda ýene-de 46 ýaşaýyş jaýy gurlar we 2300-e golaý täze öý peýda bolar. Paýtagtymyzyň ýaşaýyş toplumlarynda gurulýan desgalar we ähli amatlyklar bolan ýaşaýyş jaýlary aşgabatlylar üçin ajaýyp sowgatdyr. Munuň özi şähergurluşyk strategiýasynda durmuş ugrunyň ileri tutulýandygyny, halkymyzyň ýaşaýşy, oňaýly dynç almagy üçin zerur şertleriň döredilýändigini, ýurdumyzyň iň ýokary gymmatlygy hökmünde yglan edilen adam baradaky aladanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň birine öwrülendiginiň aýdyň güwäsidir.

**Alsu HABIBULINA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Magtymguly Pyragynyň heýkelleri – dostlugyň nyşany

Häzirki wagtda 2024-nji ýylda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek bilen baglanyşykly giň gerimli işler alnyp barylýar. TÜRKSOÝ guramasy tarapyndan geljek 2024-nji ýylyň «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edilmegi meşhur söz ussadynyň belent ynsanperwer taglymlara ýugrulan döredijilik mirasynyň bütin adamzadyň bahasyna ýetip bolmajak hazynasydygyny tassyklaýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2014-nji ýyl «Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip atlandyryldy we şol ýylda akyldar şahyryň doglan gününiň 290 ýyllygy uly dabara bilen bellenip geçildi. Magtymguly etrabynda Akyldar şahyryň medeni ýadygärlikler toplumy hem-de muzeýi açylyp ulanmaga berildi. Bu bolsa halkymyzyň öz şahyryna goýýan hormatyndan nyşandyr.

Häzirki wagtda bolsa ak mermerli paýtagtymyzyň günorta böleginde Magtymguly Pyragynyň beýikligi 60 metre deň bolan heýkeli we medeni-seýilgäh toplumynda gurluşygy tamamlaýjy tapgyra gadam basdy. Ýatlap geçsek, 1971-nji ýylda Aşgabat şäheriniň Magtymguly şaýolunyň ugrunda akyldar şahyrymyzyň ýadygärligi oturdylypdy. Mundan başga-da, daşary ýurtlarda hem Magtymguly Pyragynyň ýadygärlikleriniň birnäçesi bar.

Eýranyň Horasan welaýatynyň Aktokaý diýen ýerinde, Russiýa Federasiýasynda, Ukrainada, Türkiýede we Özbegistanda Magtymgulynyň ýadygärlikleri bar. Tatarystanyň paýtagty Kazanda, Gazagystanyň paýtagty Astanada hem şahyryň ýadygärligini oturtmak göz öňünde tutulýar.

2008-nji ýylyň 16-njy maýynda beýik türkmen şahyrynyň Russiýadaky ilkinji heýkeli Stawropol ülkesiniň Blagodarnensk etrabynyň Edelbaý obasynda açylýar. Türkmenistanyň halk suratkeşi, heýkeltaraş Saragt Babaýew bilen bina-



gär S.Sarkisowyň taýýarlan bu heýkeliniň açylyş dabarasyna Stawropol ülkesiniň ýolbaşçylary hem-de Türkmenistandan resmi wekiliýet gatnaşdy. Magtymguly Pyragynyň Astrahandaky ýadygärligi 2009-njy ýylda Astrahan şäheriniň esaslandyrylmagynyň 450 ýyllygy mynasybetli şähere sowgat berilýär. Astrahan döwlet uniwersitetiniň öňündäki «Talyplar» seýilgähinde oturdylan bu heýkel meşhur türkmen heýkeltaraşy Saragt Babaýew tarapyndan taýýarlandy. Taryhçylaryň maglumatlaryna görä, Magtymguly Pyragy Astrahan topragynda ençeme gezek bolupdyr.

Türkiýe Respublikasynyň paýtagty Ankaranyň «Türkmenistan» seýilgähindäki Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi 2012-nji ýylyň 29-njy fewralynda açyldy. Bu ýadygärligi Türkmenistanyň halk suratkeşi Saragt Babaýewiň ýolbaşçylygyndaky türkmen heýkeltaraşlary döretdiler. Gahryman Arkadagymyzyň şa gadamy bilen açylan heýkel türkmen-türk dostlugynyň nobatdaky nyşanyna öwrüldi. Türkiýäniň Ýozgat şäheriniň «Kent» seýilgähinde hem Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi bar.

Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherindäki Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi 2017-nji ýylyň maý aýynda açylyp, bu ýadygärligiň awtory horezmli ýaş heýkeltaraş Žaswand Annazarowdyr. Magtymguly Pyragynyň heýkelleri bu ýurduň Kaşgadarýo welaýatynda, Horezm welaýatyndaky Özbek–Türkmen dostluk öýüniň öňünde we beýleki şäherlerinde hem bar.

Beýik şahyrymyzyň Ukrainanyň paýtagty Kiýewdäki heýkeli 2001-nji ýylda oturdyldy. Bu ýadygärligi heýkeltaraş S.Artykmämmedow bilen binagär W.Skulskiý taýýarlapdyr.

Magtymguly Pyragy bu gün ähli göwünleriň şahyry. Ýyllaryň uzak hatarynyň ara düşmegi bilen şol edebi mirasyň ebedilik häsiýetiniň ýüze çykyşyna göz ýetirmek bolýar. Bu eserler geljekki nesillere baky ýadygärlik galar.

**Ýazmyrat ORAZALYÝEW,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň uly mugallymy.*

# Iýmitlenmegiň kadalary

Bäbegiň sagdyn dünýä inmegi üçin ene-atasy öňünden taýýarlyk görmelidir. Elbetde, çaganyň sagdyn bolmagynda onuň maşgalasynda nesil yzarlaýan keselleriň bardygyna ýa-da ýokdugyna, ata-enesiniň ýaş we saglyk aýratynlyklaryna, iýmitlenişine uly orun berilýär. Geljekki enäniň iýmitinde saglyk üçin peýdaly witaminleriň ýeterlik derejede üpjün edilmegi hem aýratyn ähmiýetlidir.

Alymlaryň geçiren barlaglary göwreli zenanyň beden synalarynda witamin ýetmezçiliginiň çaga düwünçegine ýaramaz täsir edýändigini, ösüşiniň peselýändigini, dogabitdi kemislikleriň ýüze çykmagyna, çaganyň wagtyndan öň ýa-da az agram bilen dünýä inmegine sebäp bolýandygyny subut etdi. Göwreli ene wagtly-wagtynda lukman bilen maslahatlaşyp, özüne gerekli witamin, mineral toplumlaryny kabul edende bu oňaýsyz ýagdaýlaryň aglabasynyň öňüni alyp bolýar.

Witamin toplumlaryny göwrelilik döwründe däl-de, ondan has öň kabul edip başlasaň, göwrelilik wagtynda bolsa bellenen tertipde dowam etdirseň, enäniň özüne-de, bäbegine-de has peýdalydyr. Göwrelilik döwründe zenan maşgalanyň beden synalarynyň witaminlere bolan zerurlygynyň 1,5 esse ýokarlar. Bu ýagdaý göwreli zenanyň endokrin ulgamynyň işjeňliginiň üzül-kesil ýokarlanýandygy, madda alyş-çalyş hadysalarynyň işjeňleşýändigi bilen düşündirilýär. Ösüp gelýän çaga düwünçeginiň hasabyna zenan maşgalanyň synalaryna düşýän agram ýüki iki esse diýen ýaly köpelýär.

Şeýle ýagdaýda ýaş zenana we onuň bäbegine witaminleriň berýän peýdasy ýokarlanýar. Göwreli zenana foliý turşusy bilen magniý mikroelementi zerurdyr. Bu bolsa çaganyň wagtyndan ir dogulmagynyň öňüni alýar.

Lukmanlar geljekki enelere E witaminine aýratyn üns bermegi maslahat berýärler. Bu witamin zenan synalaryny göwrelilige taýýarlaýar, ýürek bulanmasy ýaly oňaýsyz ýagdaýlary aradan aýyrýar. Göwreli zenanlaryň A hem-de D witaminine bolan ta-




laplary doly derejede kanagatlandyrylmalydyr. A witamini zenan maşgalanyň dişleriniň, saçynyň, derisiniň sagdyn saklanmagy üçin peýdalydyr. D witamini synalarda fosfor we kalsiý mikroelementleriň siňmegine ýardam edýär.

Göwreli zenanda demriň ýetmezçiligi dogum we dogumdan soňky döwürde gaýra üzülmelere getirmegi ähtimal. Witaminleri we minerallary özbaşdak içmek bolmaýar. Lukmana ýüz tutsaňyz, ol size haýsy witamini näçe möçberde içmelidigini maslahat berer.

Ýaş eneleriň käbiri ene süýdünde çaga zerur bolan maddalaryň ählisiniň saklanýandygyny aýdyp, çagasyna goşmaça witaminleri bermegi artykmaç hasaplaýarlar. Ýöne bu aýdylanlar D witaminlerine degişli däldir:
çaganyň synalarynda
onuň agdyklyk etmegi iňňän seýrek duş gelýän ýagdaýdyr, ýetmezçiligi welin düýpli kynçylyklara eltip bilýär. Bu witamin synalardaky mineral alyş-çalşygy kadalaşdyrýar, süňk dokumalarynda kalsiniň toplanmagyna jogap berýär.

Kalsiý süňk dokumasynyň berkligini üpjün edýän esasy mikroelementdir. Onuň ýetmezçilik etmegi çaga sähel ýykylyp-sürşende süňkleriniň şikeslenmegine, boýunyň haýal ösmegine, gowşaklygyna sebäp bolýar. Süýt we süýt önümleri kalsiniň esasy çeşmesidir. Çaganyň olardan ýüz öwürýändigi sebäpli lukmana ýüz tutulanda köplenç, ferment ýetmezçiligi anyklanylýar. Şeýle ýagdaýda körpejä süýt önümleriniň ornuny tutýan azyk önümleriniň agdyklyk edýän berhizini belleýärler, bäş ýaşdan uly çagalary bolsa düzüminde laktoza saklanýan derman serişdeleri bilen bejerýärler. Kalsiý mineralyna bolan talap, aýratyn hem, çaganyň 3,5 we 7 ýaşynda, şeýle-de kämillik döwrüne gadam basanda ýokarlanýar.

Körpejäniň sagdyn ösmegi üçin C witaminine-de köp zat bagly bolýar, onuň ýetmezçiligi çaganyň tiz-tizden dümewlemegine getirýär. B witamininiň ýetmezçiligi çagada nerw näsazlyklaryny ýüze çykarýar, netijede körpejäniň kadaly ukusy bozulýar, ol sebäpsiz ýere gaharlanýar, aglaýar, öýkeleýär, mekdep ýaşyna ýetende okuw sapaklaryna ýetişigi deň-duşlarynyňkydan pes bolýar. Şol sebäpli hem witaminlere hem-de mikroelementlere baý bolan gök önümlerdir iriýmişleri iýmegi maslahat berýäris.

**Akjemal MÄMMETJUMAÝEWA,**
*Onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň ylmy-kliniki şöhle bilen bejeriş bölüminiň lukmany.*

# Bilimli ýaşlar – ýurdumyzyň geljegi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň bimöçber aladalary bilen ýaş nesliň ösen döwrüň talaplaryna laýyk derejede bilimli, terbiýeli, sagdyn bolmagy, hünär almagy we ylmy döredijilige ugrukmagy, ata Watana, halka wepaly adamlar bolup ýetişmegi üçin ýola goýlan işler mynasyp dowam etdirilýär. Eziz Watanymyzyň giň gerimde amala aşyrylýan durmuş maksatly döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri-de, milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, giň dünýägaraýyşly, çuňňur bilimli, watansöýüji nesli terbiýeläp ýetişdirmek hasaplanylýar.

Ýurdumyzda ýaşlar barada alnyp barylýan beýik işler ýaş nesillerimizi has-da belent sepgitlere ruhlandyryp, olarda Watanymyzyň öňünde uly jogapkärçilik duýgusyny döredýär. Şu maksat bilen, bilim ulgamynda okuw meýilnamalary we okuw maksatnamalary döwrebaplaşdyrylýar. Bilim ulgamynyň maksady ösüp gelýän nesli milli we umumadamzat gymmatlyklary esasynda terbiýelemek, ýaşlary ylmy işlere işjeň çekmek bilen baglanyşyklydyr. Ýurdumyzda häzirki wagtda ähli ugurlar bilen bir hatarda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek üçin birnäçe hukuk namalary kabul edildi.

Türkmen ýaşlary hem muňa jogap edip, halkara derejesinde ýurdumyza mynasyp wekilçilik edýärler. Golaýda Polşa Respublikasyndan hoş habar geldi. Bu ýurduň Katowise şäherinde ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda matematika dersi boýunça geçirilen halkara toparlaýyn bäsleşikde türkmen talyplary üstünlikli çykyş edip, jemi 25 medal – 8 altyn, 11 kümüş, 6 bürünç medallary gazandylar. Halkara ýaryşlaryň iňlis dilinde geçirilip, türk-



men talyplarynyň ýokary netijeleri görkezmegi, ýurdumyzda bilim ulgamynyň döwrebap hem-de halkara derejesinde ösdürilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Häzirki zaman şertlerinde jemgyýetiň aň-paýhas kuwwatyna aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýaş hünärmenleriň dürli ugurlarda zähmet çekmekleri baradaky işler kämilleşdirilýär. Ýakynda Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli ýurdumyzda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde ekologiýa dersi boýunça, Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde biologiýa dersi boýunça, Türkmen oba hojalyk institutynda inžener we kompýuter grafikasy boýunça, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda rus dili dersinden boýunça, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda fizika dersi boýunça açyk halkara internet olimpiadalary geçiriler.

Bilim ulgamyny kämilleşdirmekde ýurdumyzda alnyp barylýan giň möçberli özgertmeleriň netijesinde döwrebap işler durmuşa geçirilýär. Esasan hem, bilim babatda halkara hyzmatdaşlygy ösdürilýär. Şu babatda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetiniň resmi agzalygyna kabul edilendigini bellemek gerek. Şeýle hem Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen ýola goýlan hyzmatdaşlygyň ösdürilýär. Ýurdumyzyň orta mekdepleriniň 6-synyň ÝUNESKO-nyň Assosirlenen mekdepler toruna girizilmegi hem-de olara şahadatnamalaryň gowşurylmagy Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň buýsançly wakalarynyň biri boldy. Şeýle taryhy wakalar ýaş nesiller hakyndaky aladanyň güwäsi bolup, bilim ulgamynyň döwrebap ösdürilýändigini aýdyň beýan edýär.

**Aýbölek OTUZOWA,**
*Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň iňlis dili mugallymy.*

# Matematika sapagynyň ähmiýeti

Häzirki ajaýyp döwrümizde bilim özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şunda mugallymlaryň sapaklary täsirli guramakdaky alyp barýan işleri möhüm ähmiýete eýedir. Ol döwrebap serişdelerden peýdalanyp, usulyýetiň iň kämil görnüşini saýlap almalydyr. Şeýlelikde, okuwçylaryň dünýägaraýşy ösýär, bilime bolan höwesi ýokarlanýar. Matematika sapagy hem okuwçylaryň hasaplaýyş endiklerini kemala getirmekde aýratyn orna eýe bolup durýar. Ony okuwçylara okuw kitabynyň ýa-da multimediýa tagtasynyň üsti bilen öwretmek bolsa has-da täsirli bolýar, okuwçylaryň sapagy çalt özleşdirmeklerine ýardam berýär.

Matematikany okatmagyň usulyýeti dersi iki bölümden ybaratdyr: umumy bölüm we hususy bölüm.

Umumy bölümde pedagogikanyň talaplaryna laýyklykda bilim, terbiýe bermegiň aýratynlyklary, başlangyç synplarda we 4-5-nji synplarda matematikany okatmagyň usullary, serişdeleri, maksady, mazmuny barada maglumat berilýär.

Algebraik düşünjeleri öwretmeklige-de esasy orun berilýär. San aňlatmalary, olaryň bahasyny tapmak, harply aňlatmalar, deňlik, deňsizlik we deňleme barada düşünjeler berilýär. Geometriýanyň elementlerini öwretmek boýunça tekiz we giňişlik figuralary tanamak, atlandyrmak, tapawutlandyrmak hem-de nokat, göni çyzyk, şöhle, kesim, burç ýaly ilkinji düşünjeleriň öwredilişi görkezilýär. Ululyklar we olaryň birlikleri öwredilende, uzynlyk, meýdan, wagt, agram, göwrüm ölçegleri we olaryň arasyndaky baglanyşyklaryň düşündirilişi, gönüburçly parallelepiped, kub, olaryň granlary, gapyrgalary, depeleri barada, bu jisimleriň göwrümini, üstüniň meýdanyny hasaplamak barada düşünjeler berilýär.

Matematikany okatmagyň usuly-



ýeti dersi psihologiýa bilen berk baglanyşyklydyr. Psihologiýada çaganyň psihikasynyň umumy kanunlary, çaganyň ýaş we indiwidual aýratynlyklary öwrenilýän bolsa, matematikany okatmaklyk logika bilen baglanyşdyrylýar, sebäbi okuw maglumatlary derňelende, ony logiki taýdan guramaklyk we baglanyşykly böleklere dogry bölmegi başarmalydyr. Matematiki düşünjeleri kesgitlemekde, şol bölekleriň arasyndaky baglanyşyklardan peýdalanmalydyr. Matematikadaky, pedagogikadaky, psihologiýadaky, logikadaky gazanylan täzelikler matematikany okatmagyň usulyýeti dersinde hemişe öz ornuny tapmalydyr. Matematika sapaklarynda şahsyýetde aşakdaky ýaly häsiýetler kemala gelýär: zähmetsöýüjilik, ykjamlyk, erki hemmetaraplaýyn ösdürmek. Matematika sapagynda çözülýän meseleler okuwçylara estetik, ahlak we zähmet terbiýesini beriji, hünärlere ugrukdyryjy bolýar.

Matematikany okatmaklyk bilen goýulýan esasy meseleleriň biri okuwçylara ýokary derejede bilim bermek, olarda kesgitli başarnyklary we endikleri kemala getirmekdir. Eger-de matematiki maglumaty öwretmekde kesgitli basgançaklar göz öňünde tutulsa, şu meseleler üstünlikli çözülýär.

Umuman, ylmyň iň täze gazananlaryny öwrenmek, durmuşa ornaşdyrmak üçin döwür bilen aýakdaş gitmeli. Ylmyň dürli ugurlary boýunça ýeten täze üstünliklerine eýe bolmaly. Sebäbi ylmyň, tehnikanyň ýeten derejelerinden habarly bolmak täze açyşlara mümkinçilik berýär. Şonuň üçin hem ýurdumyzyň mekdeplerinde we ýokary okuw mekdeplerinde talyplaryň we mugallymlaryň, ylmy-barlag institutlaryň ylmy işgärleriniň maglumatlar üpjünçiligini kämilleşdirmäge, internet ulgamynyň giňişleýin ösdürilmegine aýratyn üns berilýär.

**Oguldürli AŞYROWA,**
*Gökdepe etrabyndaky 26-njy orta mekdebiň matematika mugallymy.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

# 3 MUZEÝ, 3 ŞÄHER

**Dünýäde taryhy tapyndylary, surat eserlerini özünde saklaýan, geçmiş bilen tanyşmaga mümkinçilik berýän 104 müň muzeý bar. Muzeýler syýahatçylaryň iň köp barýan ýerleriniň biridir. Islendik halkyň taryhy, medeniýeti we däp-dessurlary bilen tanyşjak bolsaň, şol ýurtdaky ýa-da şäherdäki muzeýlere gezelenç etmeli. Gazetimiziň şu sanynda taryhyň iň möhüm eserlerini özünde saklaýan 3 sany meşhur muzeýleriň 3-si bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**







**PRADO MUZEÝI, MADRID.** Meşhur muzeýleriň sanawynda öňdäki orunlary eýeleýän bu muzeý Madridiň merkezinde ýerleşýär. Sungat kolleksiýalaryny, taryhy tapyndylary özünde saklaýan Prado muzeýine her ýyl millionlarça sungat söýüjiler barýar. Bu muzeýiň beýleki muzeýlerden tapawutly tarapy ispan Korollygyna degişli ýadygärlikleriň saklanmagydyr. Muzeýde XII asyrdan XIX asyra çenli döwürde döredilen suratlar we heýkeller ýygyndylary görkezilýär. «Prado» ýygyndysynda 20 müňden gowrak surat, çyzgy we çap eserleri, müňlerçe heýkeltaraşlyk nusgalary hem-de gadymy zatlar bar. 1785-nji ýylda ispan Koroly Çarlz III binagär Huan de Wilýanuewa muzeý binasyny gurmagy tabşyrýar. Muzeýiň gurluşygy 1819-njy ýylda tamamlanýar. **Muzeýdäki meşhur sungat eserleri:** «Ýerdäki lezzetler bagy» (Bosch), «Adam we How» (Dürer), «Isa şägirtleriniň aýaklaryny ýuwýar» (Tintoretto), «Las Meninas» (Welazquez), «Üç merhemet» (Rubens), «Saturn çagasyny iýýär» (Goýa), «Mukaddes Üçbirlik» (El Greko), «Bildiriş» (Fra Anjeliko), «Päk gyzyň ölümi» (Mantegna), «Çarlz V At Mühlberg» (Tiziano), «Ýakubyň düýşi» (Ribera), «Kardinal» (Rafael).





**RIJKS MUZEÝI, AMSTERDAM.** Niderlandlaryň sungatyna we taryhyna aralaşmaga mümkinçilik berýän bu muzeý köp sanly syýahatçylaryň barýan ýerleriniň biridir. Muzeý uly esasy binadan we kiçi goşundy binasyndan ybarat. 3 gatdan ybarat bina 1800-nji ýylda açylýar. 1885-nji ýylda niderland binagäri Pýer Kupýer Got Korol köşgüne ýakyn ýerde muzeýiň täze binasyny gurýar. Häzirki wagtda hem şol ýerde ýerleşýän bu muzeý dikeldiş işlerinden soň, 2013-nji ýylda täzeden açyldy. Rijks muzeýine «Korol muzeýi» hem diýilýär. Muzeýdäki esasy eserler binanyň birinji gatynda – Hormat galereýasynda görkezilýär. Muzeýde 1400-1900-nji ýyllar aralygyna degişli 1 milliondan gowrak sungat eserleri we taryhy gymmatlyklar bar. Sergi zalynda olaryň 8 müňüsi görkezilýär. Eserleriň 2 müňüsi Niderlandlaryň altyn döwrüne degişli bolup, goralýan gymmatlyklar hasaplanýar. Muzeýiň ikinji gaty tutuşlygyna XX asyryň suratkeşleriniň eserlerine degişlidir. Rijks muzeýi «Wan Gog» muzeýinden soň Amsterdamdaky iň köp syýahatçy barýan muzeýleriň biridir. **Muzeýdäki meşhur sungat eserleri:** «Gijeki sagat» (Rembrandt), «Süýtçi» (Wermer), «Münster şertnamasynyň dabarasy» (Wan der Helst), «Howp abanýan guş» (Assan Asselijn).



**LUWR MUZEÝI, PARIŽ.** Luwr dünýädäki iň uly we meşhur sungat muzeýidir. 72 müň inedördül metr meýdana ýaýran bu muzeý baryp görmeli ýerleriň biridir. Ilkibaşda gala hökmünde gurlup, soňra Korol köşgi hökmünde ulanylan bu ýer 1793-nji ýylda muzeýe öwrülýär. Luwr ilkibaşda «Döwlet muzeýi» diýlip atlandyrylypdyr. Muzeýde bahasyna ýetip bolmajak ýüzlerçe eserler we gadymy ýygyndylar saklanýar. Häzirki wagtda muzeýe barýan syýahatçylara 35 müňden gowrak eser we 380 müňden gowrak taryhy tapyndylar görkezilýär. Muzeýi ulylygyndan ýaňa bir hepdede hem aýlanyp gutaryp bolmaýar. Luwr muzeýi italýan, fransuz we ispan suratkeşleriniň dünýä belli eserlerini özünde jemleýär. Muzeý Sulli, Riçeliu we Denon atly 3 aýry ganatdan, 8 sany esasy bölümden we onlarça bölümçeden ybarat. Muzeýe 2019-njy ýylda 10 milliondan gowrak syýahatçynyň barandygy bellenilýär. **Muzeýdäki meşhur sungat eserleri:** «Mona Liza» (Leonardo da Winçi), «Kanadadaky toý» (Pol Weronese), «Medusanyň kenary» (Teodor Jerika), «Adamlara ýol görkezýän azatlyk» (Delakroiks), «Napoleonyň täji», (Lui Deýwid).





# Nämäni haçan iýmeli?



**Diňe iýýän zadymyz däl, haçan iýýänimiz hem möhümdir. Alymlar geçiren barlaglarynda iýmitiň günüň haýsy wagtynda iýlende bedene nähili täsir edýändigini ýüze çykardylar. Barlaglaryň netijesi kaloriýaly ideal iýmitleriň köpüsini agşam däl-de, irden iýmegiň has peýdalydygyny tassyklaýar. Mysal üçin, gowy ertirlik, ortaça günortanlyk we ýeňil agşamlyk. Iýmitlenmegiň bu usuly gündizki işjeňlige, bedeniň temperaturasyna we uky gormonlaryna oňaýly täsir edýär. Şeýle hem adamyň gündelik beden ritmine laýyk gelýär.**

Biologik sagadymyzyň iş ýörelgesine laýyklykda irdenki iýlen iýmit has gowy siňip, metabolizma täsir edýär. Ir sagat 9-da naharlanmagyň täsiri agşam sagat 9-da nahar iýmekden has tapawutlanýar. Hrono iýmitleniş diýlip atlandyrylýan bu ugur iýmit bilen saglygyň arasyndaky kadaly çalşygy görkezýär. Alymlar diňe ýokumly maddalara we kaloriýa üns bermegiň deregine, esasan, nahar wagtyna seredýärler. Wagtly-wagtynda naharlanmagyň agramymyza, işdämize, kesel töwekgelçiligine we bedeniň ýag ýakmak ukybyna edýän täsirini öwrenýärler.

## GOWY ERTIRLIK, ÝEŇIL AGŞAMLYK

Häzirki ösen tehnologik döwürde dünýäde ertirlik naharyny edinmezlik we uzak günüň ahyrynda agyr agşamlyk naharlary iýmek adaty zat boldy. Şeýle-de bolsa, alymlaryň pikiriçe muny tersine etmeli. Ýagny gowy ertirlik iýip, ýatmazdan bolmanda bir-iki sagat öň ýeňilräk agşamlyk edinmeli. Nahar wagty saglygymyza täsir edýän faktorlaryň biridir. Käbir adamlar üçin, meselem, gijeki nobatda işleýänler ýarygije hem naharlanyp bilerler. Emma gündizki durmuş ýörelgesine uýgunlaşan adamlar üçin agşam däl-de, irden ýa-da günortan gowy iýip-içmek has peýdaly.



## IRDENKI NAHAR MEÝILNAMASY

Bedeniň ýokumly maddalary kabul edýän wagty irden. Irdenki nahar uglewoda, süýt önümlere we beloga baý bolmaly. Ertirlik naharyny iýmezlik semizlik howpuny ýokarlandyrýar. Mümkinçiligi bolsa günortanlyk naharynda 2 nahar iýmek maslahat berilýär. Olaryň biri hökmany ýagdaýda suwuk nahar bolmaly. Etli, towukly, nohutly, gök önümli çorba ýa-da merjimek muňa mysal bolup biler. Alymlar agşamlyk naharynda siňmegi ýeňil bolar ýaly guş etinden, balykdan, gök önümlerden taýýarlanan naharlary iýmegi maslahat berýärler. Agşamlykdan soň miwe iýmek we ýatmazdan öň süýt ýa-da gatyk içmek saglyk üçin has peýdalydyr.

Bilermenler hepdede 5 gün naharlanyp, 2 gün gök we süýt önümleri bilen oňňut etmek meýilnamasyny hem hödürleýärler. Hepdede 7 gün däl-de, 5 gün gowy ertirlik we günortanlyk edinip, 2 gün berhiz saklamagyň gandaky şekere gözegçilik etmekde, ýadawlyklary azaltmakda, bedendäki galyndylary we artykmaç maddalary aýyrmakda peýdalydygyny belleýärler. Şeýle hem bedeniň 2 günki berhiziň öwezini galan günlerde dolup bilýändigi bellenilýär.

## ÇAGALAR

✓ Ýer ýüzünde gargalaryň amerikan gargasy, flores gargasy, käşirçi garga, balykçy garga, alagarga ýaly 40 töweregi görnüşi ýaşaýar.



# GARGALAR NIRÄ BARÝAR?!

**Howanyň sowamagy bilen duş gelýän hadysalaryň biri hem garga sürüleriniň uçup gelmegidir. Dünýäniň iň akylly guşy hasaplanýan gargalar, eýsem, nireden gelip, nirä barýarlar?**

Gargalar akyllylygy, çalt uýgunlaşmagy we şar gara reňki bilen tapawutlanýar. Sowuk howany gowy görýän bu guşlar dünýäniň ähli sebitinde duş gelýär. Gargalar howanyň gyzmagy bilen bölek-bölek topar gurap, sowuk ýurtlara tarap uçup gidýärler. Käbir toparlar bolsa öz mekanynda hemişelik ýaşaýar. Beýleki guşlar gyş paslyny geçirmek üçin ýyly ýurtlara uçup gidýän bolsa, gargalar munuň tersine. Gyzykly tarapy hem bu guşlar köpelmek üçin sowuk ýerlere gidýärler. Gargalaryň syýahaty howanyň sowuklygyna bagly bolup, uzak dowam etmeýär. Ýer ýüzünde gargalaryň amerikan gargasy, flores gargasy, käşirçi garga, balykçy garga, alagarga ýaly 40 töweregi görnüşi ýaşaýar. Gargalaryň ähli görnüşi göçüp-gonup bilmeýär. Esasan hem, Afrikada we Aziýada duş gelýän gargalar öýüni taşlap gitmeýärler. Amerikan gargasy we ýewropaly alagarga ähli ýurdy aýlanýan esasy «syýahatçylar» hasaplanýar. Gargalar gyşlamak üçin ýer saýlamaýarlar. Süri-süri bolup uçup baryşlaryna haýsy ýer sowuk, nirede gar bolsa, şol ýerde hem düşleýärler. Howa maýlap başlansoň, sowuk ülkelere tarap ýoluny dowam edýärler. Amerikadan ýa-da Ýewropadan gaýdan gargalar sowuk ýurtlara bir ýyllap «syýahat edip», ýene-de öz ýurduna dolanyp barýarlar. Bu guşlaryň ýatkeşligi güýçli bolup, gyşlaýan ýerini, göçüp-gonan sebitlerini hemişelik ýatda saklaýarlar. Gargalaryň azaşmak howpy ýokdugy sebäpli, ýekelikde hem uçup gidiberýärler.



## GARGALAR ÜŞEMEÝÄRMI?

Gargalar sowukdan goranmak üçin dürli usullary ulanýarlar. Esasan hem, aňzakly gijelerde bu guşlar agaçlaryň şahalarynda hatar bolup, dykylyşyp ýatýarlar. Bu ýagdaý gargalaryň ýylylygy saklamagyna kömek edýär. Gargalaryň agramynyň 10 göterimden gowragyny ýag gatlagy emele getirýär. Ýag gatlagy aşa sowugy saklap, gyzgynlygy üpjün edýär.

## GARGALAR SOWUKDA NÄME IÝÝÄRLER?

Iýmitlenmek üçin dürli usullary ulanýan gargalar gyşky ekinlere (käşir, kelem, turp) zyýan berip biler. Ýöne bu guşlar, esasan, mör-möjekleri iýip, zyýan berijileriň köpelmeginiň öňüni alýarlar. Käbir sowuk ýurtlarda zibilleri arassalamakda gargalaryň peýdasy uly.

Gargalar maşgala bolup ýaşaýarlar. Agaçlaryň barmasy kyn ýerinde höwürtge gurup, 4-5 ýumurtga goýýarlar. Ekleýji gargalar jüýjelerini 60 güne çenli iýmitlendirýärler. Gargalar tebigy gurşawa baglylykda 20 ýyla çenli ýaşaýarlar. Tebigaty öwrenijileriň bellemegine görä, gargalar ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň hataryna girmeýär. Gargalara dünýäniň ähli ýerinde duş gelmek bolýar. Muňa garamazdan Gawaý gargasynyň ýitip gidendigi, flores gargasynyň sanynyň azalýandygy bellenilýär.



(Türkmen halk ertekisi)

# Serçe bilen syçan

Bir bar eken, bir ýok eken, serçe bilen syçan bar eken. Bularyň hersi bir ýurtda ýaşaýan ekenler. Bu ikisi görüşmezden, biri-biriniň adyny eşidip, dost bolupdyrlar. Soň bir gün bularyň ikisi hem ýurdundan çykyp, biri-birini görmäge ugraýarlar.

Serçe bir günde kyrk menzil ýol ýörese, syçan kyrk günde bir menzil ýol ýöreýär eken. Şonluk bilen kyrk birinji gün bular biri-birine duşýarlar. Ilki görşüp, saglyk-amanlyk soraşýarlar, soň syçanyň öýüne tarap ugraýarlar.

Ýolda baryşlaryna bularyň öňünden bir tomzak çykýar.

Bular ondan:

— Ýeri, Garahan, nireden gelip, nirä barýarsyň? — diýip soraýarlar.

Ol hem:

— Meniň dogry adymy tutuň, meniň adym Garahan däl. Kim maňa Garahan diýýän bolsa, göwni ýetmän aýdýandyr. Meniň adym Tomuzgan baý — diýýär.

— Bar, Tomuzgan baý bolsun, nireden gelýärsiň?

— Şu ýakyn ýerde biri toý edýär. Şoňa çagyrylypdym.

— Ýolda-yzda näme gördüň?

— Üýtgeşik bir gören zadym-a ýok. Ýöne ýaňy ýolda gelşime bir harmanyň başynda garga bilen geçiniň dawa edip duranlaryny eşitdim.

— Olar nämäniň üstünde dawalaşýarlar?

— Aý, bilmedim. Geçi: «Men haýwanlaryň mollasy, şonuň üçin hem harmanda galan arpalar meniňki» diýýär. Garga hem: «Men ekilende-de, orlanda-da, döwlende-de ýanyndan aýrylmadym, şonuň üçin hem galak-gaçagy meniňki bolmaly» diýýär...

Syçan ony eşidip:

— Dat, serçe dost, ýöräli, bize hem zat ýetmezmikä? — diýip, ylgap şol harmana tarap gidipdirler. Baryp görseler, janly-jemende ýokmuş.

Syçan ýoldaşyna garap:

— Serçe dost, sen maňa kömek et, ikimiz şu harmanyň başynda ammar gazaly. Şoňa gyş üçin azyk salyp goýaly, hem saňa, hem maňa bolar — diýip, duran ýerinden ammar gazmaga başlapdyr. Serçe oňa kömek etmekden boýun gaçyrypdyr.

Az salymdan syçan agzy dar, düýbi giň hin ýasapdyr. Soňra syçan harmandaky däneleri şol hine daşapdyr. Hiniň agzyny bolsa gömüp, gyşa taýýarlap goýupdyr.

Şonluk bilen aradan birnäçe gün geçipdir, aý geçipdir, ahyry gyş gelipdir. Syçan ammaryň agzyny açyp, içine girip, garnyny doýrup çykypdyr. Serçe girjek bolupdyr weli, ammara sygmandyr.

Soňra ol syçana garap:

— Syçan dost, men hem sygar ýaly, munuň agzyny biraz giňeltsene — diýipdir.

Syçan:

— Serçe dost, zähmetiň hemmesini diýen ýaly men çekdim, şonuň üçin rehnedini hem özüm göreýin. Sen bolsaň, men işlämde, ýöne ýanymda durupdyň, şonyňa hak bereýin — diýip, bir gysym arpany serçäniň öňüne sepipdir.

Serçe gahar edip, olary-da alman:

— Indi ikimiziň dostlugymyz şunuň bilen gutardy — diýip, syçandan öýkeläp gidipdir.

Serçe şol barşyna bir garaguşuň ýanyna baryp, oňa arz edipdir.

— Syçan kim bolupdyr, seniň hakyňy iýerçe, ýör, sen maňa onuň bolýan ýerini bir görkez — diýip, garaguş serçäni öňüne salyp gaýdypdyr. Şol wagt syçan hininiň daşyna çykyp, güneşläp oturan eken. Syçan garagusy yzyna düşürip gelýän serçäni görüp, gözüniň gytagy bilen seredip oturypdyr.

Serçe şol gelşine yzyna gaňrylyp, garaguşa garap:

— Holha, syçan hininiň agzynda otyr, bildirmän üstüni basaýmasak, bolmasa bize aldyrmaz — diýipdir.

Garaguş güýjüne buýsanyp:

— Göreris, nähili aldyrmaýşyny. Sen şu taýda dur — diýip, syçana tarap okdurylypdyr.

Garaguş ýakyn gelende syçan hinine giripdir. Garaguş saklanyp bilmän, özüni bat bilen ýere urupdyr. Garaguşuň ýerde ýatanyny gören serçe öz ýoluna uçup gidiberipdir. Syçan bolsa öz zähmetini siňdirip ýygnan arpasyny arkaýyn özi iýmäge başlapdyr.

**«Ýaz kölege hoş, gyş çuwal boş». «Zähmet soňy – rehnet».**



Sanlary birleşdiriň!



Labirint



Şekili reňkläň!



8 tapawudy tapyň!



Gyzykly pursat





## 51-nji KROSSWORD

**Bezirgen DÖWRANOW,** *Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

● **DIKLIGINE:** **1.** Ataş, ot. **2.** Hažžyga meňzeş kiçijik alaja süýreniji. **3.** Kiçijik pyýada ýoly. **4.** Deňiz süýdemdirijisi. **5.** Görnükli ýazyjy, dramaturg we folklorçy alym ... Gowşudow. **6.** «Öweni ..., syndyrany sygyr» (atalar sözi). **7.** Jaý, tam. **8.** Ýokluk görkezýän baglaýjy kömekçi. **9.** Üljä meňzeş miwe. **11.** Ösüp oturan agaç. **12.** Aldyrylan hamyrdan tegelek, ýukarak ýaýylyp ýagda bişirilen çöregiň bir görnüşi. **15.** Bir zat üçin zerur bolan ýagdaý. **16.** Miwe. **19.** Sportuň bir görnüşi. **20.** Parasatly. **23.** Mör-möjekleriň saraýan tory. **24.** Adamzat jemgyýetiniň geçmişini gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde öwrenýän ylym. **25.** Türkmen nusgawy şahyry. **26.** Eseriň bir görnüşi. **27.** Her bir nokady merkezden deň daşlykda birleşýän bitewi aýlaw çyzyk. **30.** Ýolagçy gatnadýan köp orunly awtoulag. **31.** Fransiýanyň paýtagty. **32.** Tikinçilik guraly. **33.** Ümlük. **35.** Böküp bilmeýän ýeke-täk süýdemdiriji. **38.** Gyz ady. **43.** Sapak, ýüp (köne söz). **45.** Deprek, laňňara. **47.** Çaga, perzent. **48.** Gysga aýakly suw guşy. **52.** Berk baldakly tropik we subtropik agaç. **53.** Ilki, ozal. **55.** Heň, labyz. **58.** Saz guraly. **59.** Ýaşy uly zenanlara hormat bilen ýüz tutulyp aýdylýan söz. **60.** Perde. **61.** «... eziz, edebi ondanam eziz» (nakyl). **63.** Ertekilerde, rowaýatlarda duş gelýän hyýaly guş. **64.** Sportuň bir görnüşi. **65.** Aýlaryň biri. **67.** Bir zady biri-birinden tapawutlandyrýan düýpli alamat. **69.** Amerikan kinoprodýuseri ... Frenk. **72.** Azyk iýmiti.

● **KESELIGINE:** **1.** Gyrgyz futbol topary. **7.** «Şol ýerde bar idi iki diwana, «Durma, oglan, ... bargyl» diýdiler» (Magtymguly Pyragy). **10.** Indoneziýada bir derýa. **11.** Bişiriljek çöregiň ýüzüni dürtüp çykmak üçin ulanylýan diş-diş gural, dikeç. **13.** Kämahal, käýarym. **14.** Nahar, iýmit. **16.** Mukdar san. **17.** Oglan ady. **18.** Afrikada ýaşaýan, uzyn boýunly alabeder jandar. **20.** Nahar bişirýän adam. **21.** Gowaçanyň heniz açylmadyk gunçasy. **22.** Matanyň, geýimleriň ýygyrdyny düzlemek üçin enjam. **24.** Meşhur türkmen filmi. **26.** Ýagyş, gar suwunyň yzgaryna, sil suwunyň baran ýerine ekilýän ekin. **27.** Gadymy, öňki. **28.** Bir ýaşyny dolduran guzy. **29.** Gazagystanyň paýtagty. **33.** «... alan tazy burnundan bildirer» (nakyl). **34.** Edebi žanr. **36.** Meýdany boýunça dünýäniň iň uly bölegi. **37.** Ümlük. **39.** Senagatyň himiýa, rezin we beýleki pudaklarynda ulanylýan ýumşak ak daş. **40.** Çalymtyl-ak reňkli ýumşak, pes ereýän aşgar metal. **41.** «Bolýar, ýagşy» ýaly diýen many aňladýan jogap sözi. **42.** «Giç ýat-da ir tur, alty pişegi artyk ...» (nakyl). **43.** Gruziýada bir derýa. **44.** Käbir ösümligiň miwesiniň dänesi. **46.** Ümlük. **49.** Bişen üzümden serlip guradylan tagamly önüm. **50.** «Mal bir ýere gider, ... müň ýere» (nakyl). **51.** Ýeriň üç ölçegli modeli. **54.** Çaý içilýän gap. **56.** Aýagy aýakgapsyz. **57.** Gyz ady. **59.** Gaýratly, dogumly. **61.** Egne geýilýän ýukajyk don. **62.** Ýüzi deri ýaly ýylmanak, arka tarapy ýumşak matanyň bir görnüşi. **64.** Möjek. **66.** Pikir, oý. **68.** Ýeriň hemrasy. **69.** Ekilýän ekinleriň düýbüni ýumşadyp, haşal otlardan arassalaýyş işi. **70.** Dünýäniň iň kiçi guşy. **71.** Konditer önümi. **73.** ...-bäri. **74.** Mebel.

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.
**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**




**36-njy skanwordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| B | O | Ý | U | N | T | Y | R | Y | K |
| | | A | | A | | Z | | K | |
| P | O | R | O | K | | G | O | J | A |
| R | | T | | R | O | A | | A | |
| O | K | Y | J | Y | | R | I | M | I |
| B | | G | | | | | N | | Ň |
| I | R | U | | | | | E | M | I |
| R | | L | | | | | R | | R |
| K | I | A | | | | | Ç | A | D |
| A | | K | E | J | E | B | E | | I |
| | G | | Z | | | A | | F | |
| T | A | H | Ý | A | | R | A | R | A |
| | M | | A | K | M | A | R | A | L |
| Ý | Y | L | K | Y | | T | A | H | O |
| | Ş | | A | N | D | A | N | T | E |

**50-nji krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| S | A | M | B | O | | D | A | Ý | Z | A | | M | A | N | T | Y |
| A | | | | K | | I | | | | K | | A | | | | R |
| Z | | | P | A | H | N | A | | D | U | R | N | A | | | A |
| A | | A | | R | | G | | Ç | | L | | G | | Ý | | D |
| K | A | T | R | A | | O | R | A | Z | A | | O | M | A | Ç | A |
| | | L | | | | | | T | | | | | | R | | |
| A | L | A | J | A | | D | E | M | O | S | | G | A | M | Y | Ş |
| L | | Z | | R | | U | | A | | I | | A | | A | | E |
| T | | | U | M | U | M | Y | | D | E | R | Ý | A | | | Ý |
| Y | | A | | Y | | A | | O | | N | | M | | S | | D |
| N | O | H | U | T | | N | O | W | Ç | A | | A | S | U | D | A |
| | | M | | | | | | S | | | | | | F | | |
| P | R | A | G | A | | E | N | A | Ý | Y | | O | K | L | A | W |
| E | | L | | K | | R | | R | | Ş | | W | | E | | A |
| R | | | Ş | A | Ş | K | A | | O | G | Ş | U | K | | | R |
| Z | | | | B | | I | | | | Y | | R | | | | A |
| I | K | A | R | A | | N | A | D | A | N | | T | O | W | U | K |

## 37-nji SKANWORD

**Söýenç AGAMYRADOW,** *Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

Dynç almak üçin bellenilen wagt
Pul birligi
Santehnik enjamlaryny öndürýän meşhur nemes brendi
Ümlük
Berilliý himiki elementiniň gysga aňladylyşy
Zenanlaryň saçyna dakynýan pilçe görnüşli kümüş şaýy
Günüň dogýan tarapy
Küşt tagtasynyň üstünde tegelejik ak we gara çöp goýlup oýnalýan oýun
Bir zady gapjap tutmak üçin atagzy görnüşli gural
«Egri azar, dogry ...» (nakyl)
Fransuz aşhanasynyň bir iýmiti
Mehaniki gural
Halkyň düzümini, ýerleşişini, maddy we ruhy medeniýetini öwrenýän ylym
Çap etmegiň bir görnüşi
Ikuçly däl, açykdan-açyk
Ýüzi ownuk hem iri dişli polat esbap
Planeta
Gyz ady
Uçaryň bir görnüşi
Poligrafiýada çap edilende çap edilen görnüşiň göçürmesi
Italiýanyň milli çöregi
Deňiz jandary
Aw itiniň bir tohumy
Şugundyryň we gamşyň aýratyn sortundan alynýan süýji önüm
Germaniýada bir derýa
Oba (köne söz)
Himiki element
Iki sanyň arasyndaky tapawut
Kompýuter algebra ulgamy
«... bar – ne gamym bar» (nakyl)
Düýp, teý
Ýaz aýlary gögerýän, kertik ýaprakly bişirilip iýilýän ot
Bolup geçen wakany hakydaňa getirme, ýada salma
Nyşan, belgi
Tansyň bir görnüşi
Ýumşak däl, daş ýaly
Pul serişdelerini saklaýan we dürli maliýe amallaryny geçirýän edara
Biri-birinden aýrylan, üzňe
Russiýada bir şäher
Biri ýa-da bir zat barada edilýän alada, gözegçilik
Tropiki miwe
Musulman aýynyň ady
Nota
Organiki birleşme
Jisimiň belli bir nukdaýnazardan görnüşi
Himiki elementiň örän kiçi bölejigi
Çehiýanyň futbol topary ... Praga
Göle
Aýdym-saz žanry
Kompýuter algebra ulgamy
Hindi lybasy
«Attofarad» elektrik kuwwatynyň birliginiň gysga belgisi
«... ilde, orny törde» (nakyl)
Döwletiň ýaşaýjysy
Polşaly filosof we ýazyjy Stanislaw ...
Bir zadyň çeşmesi
Ataş, alaw
Beýik rus knýazy ... IV Wasilýewiç
Bolup geçen hadysa
Bir örküçli düýe
«Ak gireni bilen ... girmez» (nakyl)
Rehimsiz, gazaply
Küşt oýnunda utulmak
Ýapon süýjüligi
Amerikanyň ýerli ilatynyň umumy ady
Beden synasy
«Iki göç — bir ...» (nakyl)
«Aty atasy bilen tanadarlar, gatyry – ... bile» (nakyl)





## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*24-nji noýabr*

Al-Ittifak – Al-Ittihad (20:00)
Al Nassr – Al Ahdud (23:00)
Köln – Bawariýa (00:30)
**PSŽ – Monako (01:00)**

*25-nji noýabr*

R. Wallekano – Barselona (18:00)
**Mançester Siti – Liwerpul (17:30)**
SSKA – Dinamo (19:30)
Borussiýa D – Borussiýa M (19:30)
Werder – Baýer (19:30)
**Nýukasl – Çelsi (20:00)**
**Atalanta – Napoli (22:00)**
Brentford – Arsenal (22:30)
Twente – PSW (22:45)
Milan – Fiorentina (00:45)
Atletiko – Malýorka (01:00)

*26-njy noýabr*

**Tottenham – Aston Willa (19:00)**
Ewerton – Man. Ýunaýted (21:30)
Kadiz – Real Madrid (22:30)
**Ýuwentus – Inter (00:45)**
Lion – Lill (00:45)
Žirona – Atletik (01:00)

# AZIÝADA ULY HASAPLY ÝEŇIŞLER

**Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklarynyň Aziýa zolagynyň 2-nji tapgyrynyň duşuşyklaryna badalga berildi. Toparçalarda ilkinji 2 duşuşyk geçirildi. Esasan hem, 1-nji duşuşyklarda uly hasaply ýeňişler bellige alyndy.**

«A» toparçada Katar öz meýdançasynda Owganystany 8–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda Almoez Ali 4 gol geçirdi. Katar 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Hindistany 3–0 hasabynda utdy. Ali bu duşuşykda-da 1 gezek tapawutlandy. «B» toparçada Ýaponiýanyň



ýygyndysy 2 duşuşygynda 5–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Aýase Ueda 1-nji oýunda 3 (11, 45+4, 50), 2-nji duşuşykda-da 2 (37, 40) gol geçirdi. Şeýle-de, beýleki gollary Mýanmanyň derwezesinden Kamada (28) bilen Doan (86), Siriýanyň derwezesindenem Kubo (32), Sugawara (47) hem-de Hosoýa (82) girizdi. «C» toparçada Singapury Ýewropada çykyş edýän ýyldyzlarynyň geçiren gollary bilen 5–0 hasabynda ýeňen Günorta Koreýa myhmançylykda Hytaýyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Gollaryň 2-sini Hyn Min Son (11 p, 45) öz adyna ýazdyrdy. «D» toparçada çekeleşikli geçen oýunda Malaýziýa öz meýdançasynda Gyrgyzystanyň ýygyndysyndan 4–3 hasabynda üstün çykdy. Malaýziýa myhmançylykda Hytaý Taýpeýini bolsa iň kiçi hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. «E» toparçada Eýranyň ýygyndysy Azmunyň (12, 15), Tareminiň (87) hem-de Rezaianyň (90+2) gollary bilen Gonkongyň ýygyndysyny 4–0 hasabynda ýeňdi. Aşgabatda Özbegistanyň ýygyndysyndan 3–1 (Şukurow 57, 77, Şomurodow 90+1 — M. Durdyýew 44) hasabynda asgyn gelen ildeşlerimiz myhmançylykda Gonkongyň ýygyndysy bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. Ruslan Mingazowyň gollary (4, 36) bilen 2 gezek öňe saýlanan ildeşlerimize ýer eýelerinden Won Wai (12) hem-de Kamargo (65) jogap berdi. Özbegistan bilen Eýranyň arasyndaky duşuşykda-da ýeňiş gazanan



bolmady. Rezaian (14) hem-de Tareminiň (38) gollary esasynda 2–0 öňe saýlanan Eýranyň ýygyndysynyň derwezesinden hasaby deňlän gollary Urunow (52) bilen Sergeýew (83) geçirdi.



«F» toparçada Yragyň ýygyndysy 2 duşuşygynda-da ýeňiş gazanyp, olar ilki Indoneziýany 5–1, soňra myhmançylykda Wýetnamy 1–0 hasaplar bilen ýeňdi. «G» toparçada Saud Arabystanynyň ýygyndysy Pakistany 4–0 hasabynda utdy. Soňky 2 goly 90-njy minutdan soň geçiren araplaryň adyndan Al-Şehri 2 gezek tapawutlandy. «Al Hilal» toparynyň hüjümçisi Saud Arabystanynyň myhmançylykda Iordaniýany 2–0 hasabynda ýeňen duşuşygynda-da 2 goly öz adyna ýazdyrdy. Öz meýdançasynda Iordaniýa bilen deňme-deň (1–1) oýnan Täjigistan myhmançylykda Pakistandan 6–1 hasabynda üstün çykdy. «H» toparçada BAE ilki Nepaly 4–0, myhmançylykda-da Bahreýni 2–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşyklarda Ali Mabhut 3 gol geçirdi. «I» toparçada Awstraliýanyň ýygyndysy Melburnda geçirilen duşuşykda Bangladeşiň ýygyndysyny 7–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Suttar (4), Borella (20), Dýuk (37, 40) hem-de Maklaren (48, 70, 84) geçirdi. Awstraliýanyň ýygyndysy Kuweýtde oýnalan duşuşykda Palestinany Suttaryň 18-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Palestina bilen golsuz deňme-deň oýnan Liwana Bangladeşi hem ýeňmek başartmady.



**«A»:** Katar—Owganystan: 8–1, Kuweýt—Hindistan: 0–1; Owganystan—Kuweýt: 0–4, Hindistan—Katar: 0–3
**«B»:** Ýaponiýa—Mýanma: 5–0, Siriýa—D. Koreýa: 1–0; Mýanma—D. Koreýa: 1–6, Siriýa—Ýaponiýa: 0–5
**«C»:** G. Koreýa—Singapur: 5–0, Tailand—Hytaý: 1–2; Singapur—Tailand: 1–3, Hytaý—G. Koreýa: 0–3
**«D»:** Oman—H. Taýpeýi: 3–0, Malaýziýa—Gyrgyzystan: 4–3, H.Taýpeýi—Malaýziýa: 0–1, Gyrgyzystan—Oman: 1–0
**«E»:** Eýran—Gonkong: 4–0, Türkmenistan—Özbegistan: 1–3; Gonkong—Türkmenistan: 2–2, Özbegistan—Eýran: 2–2
**«F»:** Yrak—Indoneziýa: 5–1, Filippinler—Wýetnam: 0–2; Filippinler—Indoneziýa: 1–1, Wýetnam—Yrak: 0–1
**«G»:** S. Arabystany—Pakistan: 4–0, Täjigistan—Iordaniýa: 1–1; Pakistan—Täjigistan: 1–6, Iordaniýa—S. Arabystany: 0–2
**«H»:** BAE—Nepal: 4–0, Ýemen—Bahreýn: 0–2; Nepal—Ýemen: 0–2, Bahreýn—BAE: 0–2
**«I»:** Awstraliýa—Bangladeş: 7–0, Liwan—Palestina: 0–0; Bangladeş—Liwan: 1–1, Palestina—Awstraliýa: 0–1



## Jokowiç Federeriň rekordyny täzeledi

**Tennis boýunça Italiýanyň Turin şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen möwsümiň jemleýji ýaryşy bolan «ATP Finals»-da sanawyň 1-nji belgilisi Nowak Jokowiç çempionlyk gazandy. Möwsümiň iň ökde 8 tennisçisiniň arasyndaky ýaryşyň finalynda Jokowiç italiýaly Ýannik Sinner bilen duşuşdy. Iki tennisçi toparçada hem duşuşypdylar we 4-nji belgili Sinner güýçli garşydaşyndan üstün çykypdy. Ýöne finalda Jokowiçe ýeňiş gazanmak kyn düşmedi. 1 sagat 43 minutda tamamlanan duşuşykda Jokowiç 2 setde-de 6:3-lik hasaplar bilen garşydaşyny ýeňlişe sezewar etdi. Şunlukda, Jokowiç bu ýaryşda bassyr 2-nji, umumylykda-da 7-nji gezek çempionlyk gazanyp, bu ugurda Rojer Federeriň rekordyny täzeledi. Jokowiç mundan öň 2008-nji, 2012–2013–2014–2015-nji hem-de 2022-nji ýyllarda çempion bolupdy. Bu onuň karýerasyndaky 98-nji ATP Kubogy bolup, ol Rojer Federer (103) hem-de Jimmi Konnorsdan (109) yza galýar. Jokowiç şu möwsümde 7 ýaryşda çempion bolmagy başardy.**

**Jokowiçe 15 million dollar baýrakly ýaryşda ýeňiji hökmünde 2 million 201 müň dollar pul baýragy berildi.**

# EURO 2024-iň SAÝLAMA TAPGYRY TAMAMLANDY

**Ýewropa çempionatynyň saýlama duşuşyklarynyň toparçalaýyn tapgyry tamamlandy. Çempionatda çykyş etjek 24 ýygyndynyň 21-si belli bolup, galan 3-si geljek ýylyň mart aýynda geçiriljek pleý-off tapgyryndan soň kesgitlener. Bu ugurda toparçalarynda 3-4-nji orny eýelänler Milletler Ligasyndaky ýerlerine görä kesgitlenip, mart aýyndaky duşuşyklara gatnaşarlar.**










**«A» toparçada** ilki Kipri, soňra Gruziýany 3–1 hasaplar bilen ýeňen Ispaniýanyň ýygyndysy 1-nji orny eýeledi. 2-nji duşuşykda şikes alan ispaniýaly ýarymgoragçy Gawiniň azyndan 8 aý meýdança çykyp bilmejekdigi mälim edildi. Gruzinlerden soň (2–2), norwegler bilenem (3–3) deňme-deň oýnan Şotlandiýanyň ýygyndysy toparçada 2-nji orna mynasyp boldy. Duşuşyklarda Gruziýanyň ýygyndysynyň 2 oýunda-da geçiren gollaryny Hwiça Kwarasheliýa öz adyna ýazdyrdy. Holann, Edegor, Sörlot ýaly ýyldyz oýunçylaryň çykyş edýän topary Norwegiýanyň milli ýygyndysy Ýewropa çempionatyna gatnaşyp bilmez.

### 56 ÝYLDAN SOŇ 1 OÝUNDA 14 GOL

**«B» toparçada** Fransiýanyň ýygyndysy Nissa şäherinde Gibraltaryň ýygyndysyny kabul edip, garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 14 gol geçirdi. 3-nji minutda başlan gol ýagyşy 90+1-nji minutda tamamlandy. 3-nji minutda öz derwezesinden gol geçiren Santosyň 18-nji minutda-da gyzyl kart almagyndan soň fransuzlaryň işi hasam ýeňilleşdi. Santos (3, ö.d.), Turam (4), ilkinji gezek milli ýygyndyda oýnan Zair-Emeri (16), Mbappe (30 p), Kloss (34), Koman (36), Fofana (37) tapawutlanyp, 1-nji ýarymyň netijesini kesgitlediler. 2-nji ýarymda-da 7 gol geçiren fransuzlaryň adyndan Rabio (63), Koman (65), Dembele (73), Mbappe (74, 82) hem-de Žiru (89, 90+1) tapawutlandy. Duşuşykda Mbappe 3, Koman bilen Žiru hem 2 gol geçirdi. Fransiýanyň ýygyndysy Ýewropanyň saýlama tapgyrynda iň uly hasaply ýeňiş gazanan topar bolup, olar Germaniýanyň rekordyny täzeledi. Germaniýanyň ýygyndysy San Marinony 2006-njy ýylda 13–0 hasabynda ýeňipdi. Şol bir wagtyň özünde Ýewropada bir topar 56 ýyldan soň bir duşuşykda 14 gol geçirip, 1967-nji ýylyň 23-nji awgustynda ýoldaşlyk duşuşygynda Daniýa Islandiýany 14–2 hasabynda ýeňipdi. Fransiýanyň ýygyndysy soňky duşuşygynda-da Gresiýa bilen myhmançylykda 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady (Bakasetas 56, Ioannidis 61 — Kolo Muani 42, Fofana 74).



Niderlandlar öz meýdançasynda Irlandiýany Weghorstyň ýeke-täk goly bilen ýeňip, 11-nji gezek Ýewropa çempionatynda çykyş etmäge hukuk gazandy. Niderlandlar toparçadaky jemleýji duşuşygynda myhmançylykda Gibraltary 6–0 hasabynda utdy. 3 günde 20 gol geçirden Gibraltaryň derwezesinden Niderlandlaryň adyndan Kalwin Stengs 3 gol geçirdi. Beýlekileri-de Wiffer, Koopmaýners hem-de Gakpo öz atlaryna ýazdyrdylar.

### SOŇKY ÇEMPION SOŇKY DEMDE

**«C» toparçada** Angliýadan soň häzirki çempion Italiýanyň ýygyndysy kynlyk bilenem bolsa çempionlygyny goramaga mümkinçilik aldy. Öz meýdançasynda Demirgazyk Makedoniýany 5–2 hasabynda ýeňen italýanlaryň bu duşuşykdaky gollaryny Darmian (17), Kieza (41, 45+2), Raspadori (81) hem-de El Şaarawi (90+3) geçirdi. Makedonlaryň adyndanam Atanasow (52, 74) tapawutlandy. Bu ýeňişden soň Italiýanyň ýygyndysy myhmançylykda Ukraina bilen duşuşdy. Ukrainlere ýeňiş, italýanlara deňlik hem ýeterlikdi. Golsuz geçen duşuşykdan soň Italiýanyň ýygyndysy bassyr 8-nji, umumylykda 11-nji gezek Ýewropa çempionatyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Italiýanyň ýygyndysy 34 oýundan soň Ýewropa çempionatynyň saýlama tapgyrynda gol geçirip bilmedi.

**«D» toparçada** myhmançylykda Latwiýany 2–0 (Maýer 7, Kramariç 16), öz meýdançasynda-da Ermenistany 1–0 (Budimir 43) hasaplar bilen ýeňen Horwatiýanyň ýygyndysy bassyr 6-njy, umumylykda-da 7-nji gezek Ýewropa çempionatyna gatnaşar. Ermenistan, soňra Türkiýe bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnan Uelsiň ýygyndysy pleý-off tapgyryna gatnaşar.

**«E» toparçada** Albaniýanyň ýygyndysy Moldowa bilen myhmançylykda 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady (Babogolo 87 — Çikalleşi 25 p). Bu deňlik Albaniýanyň 2016-njy ýyldan soň Ýewropa çempionatyna 2-nji gezek gatnaşmagy üçin ýeterlik boldy. Olar soňky duşuşygynda Farer adalary bilen golsuz deňme-deň netije görkezdi. Polşa bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnan çehler 2-nji duşuşygynda Moldowany Doudera, Çori hem-de Souçegiň gollary esasynda 3–0 hasabynda ýeňip, edil italýanlar ýaly yzly-yzyna 8-nji, umumylykda-da 11-nji gezek Ýewropa çempionatyna gatnaşarlar. Duşuşykda Moldowa ýeňiş gazanan ýagdaýynda olar yklym ýaryşynyň debýutanty bolardy.

**«F» toparçada** EURO 2024-e gatnaşjaklar ozal belli bolup, Azerbaýjan Şwesiýany 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Şwedler 2-nji duşuşygynda Estoniýany 2–0 hasap bilen utdy. Duşuşykdan soň 2016-njy ýyldan bäri topara tälim berip gelýän Ýanne Andersson wezipesini taşlady. Romelu Lukakunyň 4 gol geçiren oýnunda Belgiýanyň ýygyndysy Azerbaýjanyň ýygyndysyndan 5–0 hasabynda üstün çykmagy başardy. Lukakunyň şu saýlama tapgyrynda geçiren gollarynyň sany 14-e ýetip, ol bu ugurda Dewid Hiliň (D. Irlandiýa) hem-de Robert Lewandowskiniň (Polşa) 13 golluk rekordlaryny täzeledi.

### SOŇKY GEZEK BAŞGA AT BILEN ÇYKYŞ EDIPDI

**«G» toparçada** myhmançylykda Bolgariýa bilen duşuşan Wengriýanyň ýygyndysyna deňme-deňlik ýeterlik boldy (2–2; Delew 24, Despodow 78 p — Adam 10, A. Petkow 90+7 ö.d.). Wengriýanyň ýygyndysy bassyr 3-nji, umumylykda-da 5-nji gezek Ýewropa çempionatyna gatnaşar (1964, 1972, 2016, 2020, 2024). Şeýle-de, Serbiýanyň ýygyndysy hem Bolgariýa bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnanyndan soň Ýewropa çempionatyna wekilçilik etmäge hukuk gazandy (Welkowiç 16, Babiç 82 — Rusew 59, Despodow 69). Serbiýanyň ýygyndysy Ýewropa çempionatyna soňky gezek 2000-nji ýylda Ýugoslawiýa FR ady bilen gatnaşypdy. 24 ýyldan soň yklym ýaryşyna wekilçilik etjek serbler mundan öň 5 gezek çempionatda çykyş edipdiler.

### 24 ÝYLDAN SOŇ GATNAŞAR

**«H» toparçada** Sloweniýany 2–1 hasabynda ýeňen Daniýanyň ýygyndysy 10-njy Ýewropa çempionatynda çykyş etmäge hukuk gazandy. Daniýa ýeňiş getiren gollary Mele bilen Delani geçirdi. Daniýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Demirgazyk Irlandiýadan 2–0 hasabynda asgyn geldi. Toparçadan çykan 2-nji ýygyndy Sloweniýanyň ýygyndysy bolup, olar soňky duşuşygynda Gazagystanyň ýygyndysyny Şeşko hem-de Werbiçiň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. Gazaklaryň ýeke-täk goluny 48-nji minutda Ramazan Orazow öz adyna ýazdyrdy. Duşuşykda Gazagystanyň ýygyndysy ýeňiş gazanan bolsa, onda olar taryhynda ilkinji gezek Ýewropa çempionatyna gatnaşardy. Sloweniýanyň ýygyndysy 2000-nji ýyldan soň 2-nji gezek Ýewropa çempionatyna wekilçilik eder.

### TARYHYNDA ILKINJI GEZEK YZLY-YZYNA 3 OÝUNDA GOL GEÇIRDI

Ýewropa çempionatynyň saýlama tapgyrynyň çäklerinde oktýabr aýynda Daniýanyň, noýabr aýynda-da ilki Gazagystanyň, soňra-da Finlýandiýanyň derwezesinden gol geçiren San Marinonyň oýunçylary taryhynda ilkinji sapar yzly-yzyna 3 duşuşykda tapawutlandy. Öz meýdançasynda finlerden 2-1 asgyn gelen yklymyň iň kiçi ýurtlarynyň biri bolan San Marinonyň ýeke-täk goluny 90+7-nji minutda penaltiden Filippo Berradi geçirdi. Duşuşykda finleriň 2 goluny-da Piri Soiri öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, San Marinonyň ýygyndysy ilkinji gezek Ýewropanyň saýlama tapgyryny 3 gol bilen tamamlady. Olar mundan öň diňe Dünýä Kubogy 2002-niň saýlama tapgyrynda 3 gol geçiripdiler. San Marinonyň ýygyndysy aglaba saýlama tapgyrlaryny 1–2 gol bilen ýa-da golsuz tamamlaýar.

**«I» toparçada** Rumyniýanyň ýygyndysy Ysraýyly Puşkaş hem-de Hajiniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňip, 6-njy gezek Ýewropa çempionatyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Bu netijeden soň öz meýdançasynda Kosowo bilen 1–1 (Wargas 47 — Hiseni 82) deňme-deň oýnan Şweýsariýa hem toparçadan çykan 2-nji topar boldy. Şweýsariýanyň ýygyndysy bassyr 4-nji, umumylykda-da 6-njy gezek yklym ýaryşyna wekilçilik eder. Toparçada 1-nji ýeri eýelemek ugrundaky duşuşykda-da Rumyniýa Şweýsariýany Denis Alibekiň 50-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda utdy.



### ÄHLI DUŞUŞYKDA ÝEŇIŞ GAZANDY

**«J» toparçada** Portugaliýanyň ýygyndysy Lihtenşteýni-de, Islandiýany-da 2–0 hasaplar bilen ýeňdi. Gollary 1-nji oýunda Ronaldo bilen Kanselo, 2-nji duşuşykda-da Bruno Fernandeş bilen Horta geçirdi. Portugaliýanyň ýygyndysy toparçany ýeňlişsiz tamamlap, toparyň oýunçylary, 10-syny Ronaldo, 36 gol geçirdi. Toparçada Portugaliýadan soň 2-nji ýeri Slowakiýanyň ýygyndysy eýeledi. Islandiýany 4–2 ýeňen slowaklar 2-nji duşuşygynda-da Bosniýany 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdiler. Slowakiýanyň ýygyndysy 2016-njy, 2020-nji ýyllardan soň yzly-yzyna 3-nji gezek Ýewropa çempionatyna gatnaşar. Toparçadaky oýunlaryň deň ýarysynda ýeňiş gazanan Lýuksemburgyň ýygyndysy 3-nji ýeri eýeledi.

### GYZYKLY MAGLUMATLAR

◆ Saýlama tapgyrynyň iň köp gol geçiren oýunçysy Romelu Lukaku bolup, ol 14 gezek tapawutlandy we bu ugurdaky rekordy täzeledi. Kristiano Ronaldo 10, Kilian Mbappe 9, Harri Keýn 8 gol geçirdi.

◆ Ähli duşuşygynda ýeňiş gazanan ýeke-täk topar Portugaliýanyň ýygyndysy bolup, olar 10 duşuşykda-da garşydaşlaryndan üstün çykmagy başardy. Portugaliýanyň ýygyndysy 36 gol geçirip, 2 gol geçirtdi. Fransiýanyň, Angliýanyň, Belgiýanyň, Wengriýanyň hem-de Rumyniýanyň ýygyndylary-da saýlama tapgyryny ýeňlişsiz tamamladylar.

◆ Kipriň, Gibraltaryň, Maltanyň, San Marinonyň hem-de Lihtenşteýniň ýygyndylary ýeke utuk hem gazanyp bilmediler. Farer adalarynyň (2 deňlik), Estoniýanyň (1 deňlik), Bolgariýanyň (4 deňlik) hem-de Andorranyň (2 deňlik) ýygyndylary-da ýeke duşuşykda hem ýeňiş gazanyp bilmediler, ýöne deňme-deň oýnap, azyndan 1 utuk gazandylar.

◆ Gibraltaryň ýygyndysy ýeke gol hem geçirip bilmedi. Şol bir wagtyň özünde iň köp gol geçirden topar boldy (41 gol). Lihtenşteýn 1, Malta, Estoniýa, Farer adalary 2, Kipr, Andorra, San Marino 3 gol geçirdi.

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ISPANIÝA | 8 | 7 | 0 | 1 | 25-5 | 21 |
| 2 | ŞOTLANDIÝA | 8 | 5 | 2 | 1 | 17-8 | 17 |
| 3 | NORWEGIÝA | 8 | 3 | 2 | 3 | 14-12 | 11 |
| 4 | GRUZIÝA | 8 | 2 | 2 | 4 | 12-18 | 8 |
| 5 | KIPR | 8 | 0 | 0 | 8 | 3-28 | 0 |

Gruziýa—Şotlandiýa: 2-2, Kipr—Ispaniýa: 1-3; Şotlandiýa—Norwegiýa: 3-3, Ispaniýa—Gruziýa: 3-1

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | FRANSIÝA | 8 | 7 | 1 | 0 | 29-3 | 22 |
| 2 | NIDERLANDLAR | 8 | 6 | 0 | 2 | 17-7 | 18 |
| 3 | GRESIÝA | 8 | 4 | 1 | 3 | 14-8 | 13 |
| 4 | IRLANDIÝA | 8 | 2 | 0 | 6 | 9-10 | 6 |
| 5 | GIBRALTAR | 8 | 0 | 0 | 8 | 0-41 | 0 |

Fransiýa—Gibraltar: 14-0, Niderlandlar—Irlandiýa: 1-0; Gresiýa—Fransiýa: 2-2, Gibraltar—Niderlandlar: 0-6

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ANGLIÝA | 8 | 6 | 2 | 0 | 22-4 | 20 |
| 2 | ITALIÝA | 8 | 4 | 2 | 2 | 16-9 | 14 |
| 3 | UKRAINA | 8 | 4 | 2 | 2 | 11-8 | 14 |
| 4 | D. MAKEDONIÝA | 8 | 2 | 2 | 4 | 10-20 | 8 |
| 5 | MALTA | 8 | 0 | 0 | 8 | 2-20 | 0 |

Angliýa—Malta: 2-0, Italiýa—D. Makedoniýa: 5-2; Ukraina—Italiýa: 0-0, D. Makedoniýa—Angliýa: 1-1

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | TÜRKIÝE | 8 | 5 | 2 | 1 | 14-7 | 17 |
| 2 | HORWATIÝA | 8 | 5 | 1 | 2 | 13-4 | 16 |
| 3 | UELS | 8 | 3 | 3 | 2 | 10-10 | 12 |
| 4 | ERMENISTAN | 8 | 2 | 2 | 4 | 9-11 | 8 |
| 5 | LATWIÝA | 8 | 1 | 0 | 7 | 5-19 | 3 |

Ermenistan—Uels: 1-1, Latwiýa—Horwatiýa: 0-2; Horwatiýa—Ermenistan: 1-0, Uels—Türkiýe: 1-1

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ALBANIÝA | 8 | 4 | 3 | 1 | 12-4 | 15 |
| 2 | ÇEHIÝA | 8 | 4 | 3 | 1 | 12-6 | 15 |
| 3 | POLŞA | 8 | 3 | 2 | 3 | 10-10 | 11 |
| 4 | MOLDOWA | 8 | 2 | 4 | 2 | 7-10 | 10 |
| 5 | FARER AD. | 8 | 0 | 2 | 6 | 2-13 | 2 |

Moldowa—Albaniýa: 1-1, Polşa—Çehiýa: 1-1; Albaniýa—Farer adalary: 0-0, Çehiýa—Moldowa: 3-0

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BELGIÝA | 8 | 6 | 2 | 0 | 22-4 | 20 |
| 2 | AWSTRIÝA | 8 | 6 | 1 | 1 | 17-7 | 19 |
| 3 | ŞWESIÝA | 8 | 3 | 1 | 4 | 14-12 | 10 |
| 4 | AZERBAÝJAN | 8 | 2 | 1 | 5 | 7-17 | 7 |
| 5 | ESTONIÝA | 8 | 0 | 1 | 7 | 2-22 | 1 |

Azerbaýjan—Şwesiýa: 3-0, Estoniýa—Awstriýa: 0-2; Belgiýa—Azerbaýjan: 5-0, Şwesiýa—Estoniýa: 2-0

| Or. | «G« | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | WENGRIÝA | 8 | 5 | 3 | 0 | 16-7 | 18 |
| 2 | SERBIÝA | 8 | 4 | 2 | 2 | 15-9 | 14 |
| 3 | GARADAG | 8 | 3 | 2 | 3 | 9-11 | 11 |
| 4 | LITWA | 8 | 1 | 3 | 4 | 8-14 | 6 |
| 5 | BOLGARIÝA | 8 | 0 | 4 | 4 | 7-14 | 4 |

Bolgariýa—Wengriýa: 2-2, Garadag—Litwa: 2-0; Wengriýa—Garadag: 3-1, Serbiýa—Bolgariýa: 2-2

| Or. | «H» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | DANIÝA | 10 | 7 | 1 | 2 | 19-10 | 22 |
| 2 | SLOWENIÝA | 10 | 7 | 1 | 2 | 20-9 | 22 |
| 3 | FINLÝANDIÝA | 10 | 6 | 0 | 4 | 18-10 | 18 |
| 4 | GAZAGYSTAN | 10 | 6 | 0 | 4 | 16-12 | 18 |
| 5 | D. IRLANDIÝA | 10 | 3 | 0 | 7 | 9-13 | 9 |
| 6 | SAN MARINO | 10 | 0 | 0 | 10 | 3-31 | 0 |

Gazagystan—San Marino: 3-1, Finlýandiýa—D. Irlandiýa: 4-0, Daniýa—Sloweniýa: 2-1; D. Irlandiýa—Daniýa: 2-0, San Marino—Finlýandiýa: 1-2, Sloweniýa—Gazagystan: 2-1

| Or. | «I» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | RUMYNIÝA | 10 | 6 | 4 | 0 | 16-5 | 22 |
| 2 | ŞWEÝSARIÝA | 10 | 4 | 5 | 1 | 22-11 | 17 |
| 3 | YSRAÝYL | 10 | 4 | 3 | 3 | 11-11 | 15 |
| 4 | BELARUS | 10 | 3 | 3 | 4 | 9-14 | 12 |
| 5 | KOSOWO | 10 | 2 | 5 | 3 | 10-10 | 11 |
| 6 | ANDORRA | 10 | 0 | 2 | 8 | 3-20 | 2 |

Belarus—Andorra: 1-0, Ysraýyl—Rumyniýa: 1-2, Şweýsariýa—Kosowo: 1-1; Andorra—Ysraýyl: 0-2, Kosowo—Belarus: 0-1, Rumyniýa—Şweýsariýa: 1-0

| Or. | «J» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTUGALIÝA | 10 | 10 | 0 | 0 | 36-2 | 30 |
| 2 | SLOWAKIÝA | 10 | 7 | 1 | 2 | 17-8 | 22 |
| 3 | LÝUKSEMBURG | 10 | 5 | 2 | 3 | 13-19 | 17 |
| 4 | ISLANDIÝA | 10 | 3 | 1 | 6 | 17-16 | 10 |
| 5 | BOSNIÝA | 10 | 3 | 0 | 7 | 9-20 | 9 |
| 6 | LIHTENŞTEÝN | 10 | 0 | 0 | 10 | 1-28 | 0 |

Lihtenşteýn—Portugaliýa: 0-2, Lýuksemburg—Bosniýa: 4-1, Slowakiýa—Islandiýa: 4-2; Bosniýa—Slowakiýa: 1-2, Lihtenşteýn—Lýuksemburg: 0-1, Portugaliýa—Islandiýa: 2-0

## Bijeler 2-nji dekabrda çekiler

Ýewropa çempionatynyň final tapgyrynyň bijeleri 2-nji dekabrda (şenbe güni) çekiler. Bije çekiliş dabarasy Germaniýanyň Hamburg şäherindäki «Elbphilharmonie» konsert zalynda geçiriler. Bijä laýyklykda, ýer eýesi Germaniýanyň ýygyndysy bilen bir hatarda, Portugaliýanyň, Fransiýanyň, Ispaniýanyň, Belgiýanyň hem-de Angliýanyň ýygyndylary 1-nji torbadan bije çekilişe gatnaşarlar. Olar her toparçanyň esasy faworiti bolar. Soňky çempion Italiýa bolsa 4-nji torba düşdi.



### PLEÝ-OFF TAPGYRY

● UEFA Milletler Ligasyndaky orunlaryna görä kesgitlenip, pleý-off tapgyryna gatnaşjak ýygyndylar belli boldy. Jemi 12 ýygyndy EURO 2024-e gatnaşjak galan 3 orun üçin utulan-çykdy oýunlary esasynda göreşerler. Şoňa görä, «A» toparçada Polşa — Estoniýa, Uels — Finlýandiýa, «B» toparçada Ysraýyl — Islandiýa, Bosniýa we Gersegowina — Ukraina, «C» toparçada Gruziýa — Lýuksemburg hem-de Gresiýa — Gazagystan duşuşyklary geçiriler. Her duşuşygyň ýeňijisi öz toparçasynda finala çykar we finalda-da ýeňiş gazanan 3 ýygyndy çempionata gatnaşar. Pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary 1 oýun esasynda bolup, geçiriljek ýerleri soň kesgitlener. Duşuşyklar geljek ýylyň 21-nji hem-de 26-njy martynda geçiriler.

**1-nji TORBA:**
Germaniýa, Portugaliýa, Fransiýa, Ispaniýa, Belgiýa, Angliýa
**2-nji TORBA:**
Wengriýa, Türkiýe, Rumyniýa, Daniýa, Albaniýa, Awstriýa
**3-nji TORBA:**
Niderlandlar, Şotlandiýa, Horwatiýa, Sloweniýa, Slowakiýa, Çehiýa
**4-nji TORBA:**
Italiýa, Serbiýa, Şweýsariýa, Pleý-off tapgyrynyň 3 ýeňijisi.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# BRAZILIÝANYŇ ÝYGYNDYSYNDA ILKINJI ŞOWSUZLYKLAR

**Ýene-de 3 ýyldan Demirgazyk Amerikada geçiriljek FIFA Dünýä Kubogynyň Günorta Amerika saýlama zolagynda 5-6-njy duşuşyklar geçirildi. Dünýäniň 5 gezek çempiony Braziliýanyň ýygyndysy şol 2 duşuşykda-da ýeňlişe sezewar boldy. 5-nji tapgyrda Urugwaýyň ýygyndysy myhmançylykda Argentinany utdy. Argentinanyň ozalky tälimçilerinden Marselo Bielsanyň tälimçiligindäki Urugwaý oktýabr aýynda Braziliýany hem ýeňipdi.**

## URUGWAÝ ARGENTINANY HEM ÝEŇDI



5-nji duşuşyklarda Argentina öz meýdançasynda Urugwaýdan 2–0 hasabynda asgyn geldi. Myhmanlara ýeňiş getiren gollary 41-nji minutda Roland Arauho hem-de 87-nji minutda Darwin Nunýes geçirdi. Şunlukda, 2023-nji ýyla geçip, ilkinji gezek utulan Argentinanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda 25 oýundan soň ýeňildi. Argentinanyň ýygyndysy umumylykda 14 oýundan bäri ýeňilmän gelýärdi. Olar soňky gezek Katar 2022-de Saud Arabystanyndan utulypdylar. Şeýle-de, Argentinanyň ýygyndysy Messiniň milli toparda oýnap başlamagyndan bäri öz meýdançasynda 2-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy.



Braziliýanyň ýygyndysy myhmançylykda Kolumbiýa bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda braziller 4-nji minutda Gabriel Martinelliniň goly bilen öňe saýlansa-da, ruhdan düşmän hüjüm eden kolumbiýalylar, oýnuň 75-nji hem-de 79-njy minutlarynda, ýagny 4 minutda 2 gol geçiren Luiz Diazyň gollary esasynda ýeňşini baýram etdi. Golaýda betbagtçylygy başdan geçiren oýunçynyň kakasy hem tribunada oýny synlap, oglunyň 2 goluny begenç gözýaşy bilen paýlaşdy. Şeýlelikde, Braziliýanyň ýygyndysy yzly-yzyna 2-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Luiz Diaz çilili Umberto Suasodan soň (2009) DK-nyň saýlama tapgyrynda Braziliýanyň derwezesinden 2 gol geçiren ilkinji futbolçy hökmünde hasaba alyndy.

Olar mundan öňki tapgyrda Urugwaýdan ýeňlipdiler. Ilki Braziliýany, soňra-da Argentinany ýeňen Urugwaýyň ýygyndysy 2-nji orna beýgeldi. Braziliýanyň ýygyndysy DK-nyň saýlama tapgyrynda ilkinji sapar yzly-yzyna 2 duşuşykda ýeňildi. Urugwaýyň ýygyndysy 63 ýyldan soň ilkinji gezek 1 ýylyň dowamynda hem Braziliýany, hem-de Argentinany ýeňmegi başardy.

Argentina bilen Braziliýanyň ýygyndylary Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň taryhynda 2-nji gezek ikisi-de 1 günde ýeňlişe sezewar boldular. Mundan öň 2015-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda Braziliýa Çiliden, Argentina bolsa Ekwadordan 2–0 hasabynda asgyn gelipdi. Çili – Paragwaý, Wenesuela – Ekwador duşuşyklarynda hasap açylmady. Boliwiýa bolsa öz meýdançasynda Perunyň ýygyndysyny H. Wakanyň hem-de R. Wakanyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi.

## TARYHYNDA 1-nji GEZEK ASGYN GELDI



6-njy tapgyryň iň esasy duşuşygy Rio de Žaneýrodaky «Marakana» stadionynda bolup geçdi. Argentinany kabul eden Braziliýa çempiondan 1–0 hasabynda asgyn geldi. Stadionda janköýerler bilen polisiýanyň arasynda çykan wakalar sebäpli Lionel Messi we topardaşlary meýdançany terk etdi. Taraplaryň köşeşip, ylalaşmagynyň netijesinde 30 minuta golaý giç başlan oýunda Argentina 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Tangoçylara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 63-nji minutda Nikolas Otamendi geçirdi. Dartgynly geçen oýnuň 81-nji minutynda braziliýaly Žoelinton gyzyl kart aldy. Şunlukda, Braziliýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň çäginde öz meýdançasynda ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Sambaçylar mundan öňki 64 oýunda 51 gezek ýeňiş gazanyp, 13 sapar hem deňme-deň oýnapdylar (173–29 gol). Braziliýanyň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda yzly-yzyna 3 oýunda utuldy. Braziliýanyň ýygyndysy mundan öňki öz meýdançasyndaky 64 oýnuň diňe 5-sinde gol geçirip bilmedi. 2004-nji ýylda Kolumbiýa, 2008-nji ýylda Argentina, Boliwiýa, Kolumbiýa hem-de 2009-njy ýylda-da Wenesuela bilen geçirilen duşuşyklar golsuz tamamlanypdy.

Beýleki duşuşyklarda-da Urugwaý öz meýdançasynda Boliwiýany Nunýesiň (15, 71) hem-de Wilýamilliň (39 ö.d.) gollary bilen 3–0 hasabynda utdy. Kolumbiýa myhmançylykda Paragwaýy (Borre 11 p), Ekwador hem Çilini (Mena 21) 1-0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Peru bilen Wenesuela hem Ýotun (17) we Sawarinonyň (54) gollary esasynda utuklary paýlaşdylar (1-1).



GÜNORTA AMERIKA ZOLAGY

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARGENTINA | 6 | 5 | 0 | 1 | 8-2 | 15 |
| 2 | URUGWAÝ | 6 | 4 | 1 | 1 | 13-5 | 13 |
| 3 | KOLUMBIÝA | 6 | 3 | 3 | 0 | 6-3 | 12 |
| 4 | WENESUELA | 6 | 2 | 3 | 1 | 6-3 | 9 |
| 5 | EKWADOR | 6 | 3 | 2 | 1 | 5-3 | 8 |
| 6 | BRAZILIÝA | 6 | 2 | 1 | 3 | 8-7 | 7 |
| 7 | PARAGWAÝ | 6 | 1 | 2 | 3 | 1-3 | 5 |
| 8 | ÇILI | 6 | 1 | 2 | 3 | 3-7 | 5 |
| 9 | BOLIWIÝA | 6 | 1 | 0 | 5 | 4-14 | 3 |
| 10 | PERU | 6 | 0 | 2 | 4 | 1-8 | 2 |

Boliwiýa—Peru: 2-0, Wenesuela—Ekwador: 0–0, Kolumbiýa—Braziliýa: 2–1, Argentina—Urugwaý: 0–2, Çili—Paragwaý: 0–0;

Urugwaý—Boliwiýa: 3–0, Paragwaý—Kolumbiýa: 0–1, Ekwador—Çili: 1–0, Braziliýa—Argentina: 0–1, Peru—Wenesuela: 1–1

## Çempion soňky ýaryşda belli bolar

Moto GP boýunça möwsümiň tamamlanmagyna 1 ýaryş galsa-da çempion entek belli däl. Çempionlyk ugrunda 2 sürüjiniň arasynda ýiti göreş dowam edip, ýeňiji iň soňky bäsleşikde belli bolar. Möwsümiň 19-njy ýaryşy Kataryň Lusail şäherinde geçirilip, şäheriň adybir halkara trassasyndaky ýaryşda «Gresini Racing Ducati» toparynyň italýan sürüjisi Fabio Di Jannantonio ýeňiş gazandy. Karýerasyndaky ilkinji ýeňşini baýram eden Di Jannantonio 22 aýlawy 42 minut 43,654 sekuntda geçmegi başardy. Ýaryşda sanawyň lideri, italiýaly pilot Françesko Banaia («Ducati Lenovo») 2-nji, başga bir italýan sürüjisi Luka Marini («Mooney VR46 Racing») 3-nji ýeri eýeledi.



Çempionlyk ugrunda 2-nji ýerde barýan «Prima Pramac» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin Katar «Gran Prisini» 10-njy bolup tamamlady.

Sprint ýaryşynda Horge Martin ýeňiş gazandy. Di Jannantonionyň 2-nji bolan sprint bäsleşiginde Banaia 5-nji orna mynasyp boldy.

Häzirki wagtda 19-njy ýaryşdan soň Françesko Banaia 437 utuk bilen sanawyň başyny çekýär. 2-nji ýerdäki Horge Martiniň ondan 21 utugy az bolup, 416 utugy bar. Çempiony kesgitlejek möwsümiň iň soňky ýaryşy 26-njy noýabrda Ispaniýanyň Walensiýa şäherinde geçiriler.

## Ýaponiýada «Toyotalylara» taý tapylmady

Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň iň soňky, 13-nji ýaryşy Ýaponiýanyň Çubu sebitinde geçirildi. «Toyota» stadionyndan başlanan 22 tapgyrdan ybarat bolan ýaryşda 304,66 kilometr aralygy «Toyota Gazoo» toparynyň britaniýaly sürüjisi Elfin Ewans 1-nji orunda tamamlady. 3 sagat 32 minut 08,8 sekuntda pellehana gelen Ewans karýerasy boýunça 8-nji ýeňşini gazandy. Ýaryşda 2-nji ýere «Toyota Gazoo» toparynyň başga bir sürüjisi, fransiýaly Sebastian Ožie, 3-nji orna-da çempionlygyny öň yglan eden finlýandiýaly Kalle Rowanpera mynasyp boldy. Şunlukda, «Toyota Gazoo» topary öz ýurdunda münberiň 3 basgançagyny hem eýeledi.

51-nji gezek geçirilen Dünýä Ralli çempionatynda «Toyota Gazoo» toparynyň finlýandiýaly sürüjisi 250 utuk toplap, bassyr 2-nji çempionlygyny gazandy. Elfin Ewansyň 2-nji ýeri eýelän möwsüminde belgiýaly Tierri Noýwill («Hyundai Shell Mobis») 3-nji orna mynasyp boldy.



## Werstappen Wettel bilen deňleşdi



Formula 1 boýunça möwsümiň 21-nji ýaryşy ABŞ-nyň Newada ştatynyň Las Wegas şäherinde geçirildi. Bu şäherde ilkinji gezek geçirilen ýaryşda-da «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol agşamara geçirilen ýaryşda 50 aýlawy 1 sagat 29 minut 08,289 sekuntda tamamlady. Bu onuň bassyr 6-njy, möwsümdäki 18-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Karýerasy boýunça-da 53-nji ýeňşini gazanan Werstappen bu ugurda 3-nji orundaky Sebastian Wettel bilen deňleşdi. Bu görkeziji boýunça Lýuwis Hamilton (103) bilen Mihael Şumaher (91) 1–2-nji orunlary eýeleýärler.

Werstappenden 2,070 sekunt yza galan «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler 2-nji, 2,241 sekunt soň pellehanadan geçen ýeňijiniň meksikaly topardaşy Serhio Peres 3-nji orna mynasyp boldy.

F1 boýunça möwsümiň iň soňky ýaryşy 26-njy noýabrda BAE-niň paýtagty Abu Dabide geçiriler.





**Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebi edara-kärhanalarda işleýän işçileri, raýatlary işçi hünärleri boýunça taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak, hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, aşakdaky hünärler boýunça**

**GYSGA MÖHLETLI OKUWLARA ÇAGYRÝAR**

**1.** Armaturçy-betonçy.
**2.** Asfaltbetonçy.
**3.** Betonçy, kerpiç örüji.
**4.** Binagärlik böleklerini galyplap ýasaýjy we ýelmeýji.
**5.** Demirbetonçy we gurnamalary gurnaýjy.
**6.** Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji.
**7.** Elektromontýor.
**8.** Gaz bilen kebşirleýji we gaz bilen kesiji.
**9.** Mermerçi.
**10.** Plita ýelmeýji.
**11.** Plastik önümleri kebşirleýji.
**12.** Slesar-santehnik.
**13.** Suwagçy-reňkleýji (100 metr belentlige çenli).
**14.** Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor.
**15.** Ýük ýüklemekde we düşürmekde daňyjy-berkidiji (polat tanaplary daňyjy-berkidiji).

**OKUWYŇ MÖHLETI 2 AÝ**

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**
**— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;**
**— edara-kärhananyň hünärmen taýýarlamak barada ýollaýyş haty;**
**— işleýän ýerinden kepilnama (işleýän bolsa);**
**— pasportyň, orta hünär bilimi hakynda şahadatnamanyň nusgasy;**
**— 3x4 ölçegdäki iki sany fotosurat.**

**Salgysy:** Aşgabat şäheriniň Gurbansoltan eje şaýolunyň 10-njy jaýy.
**Telefon belgileri:** 28-07-74, 28-20-03, 28-08-82, 28-21-64.

